# TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOW: – HALKARA PARAHATÇYLYGYŇ WE HOWPSUZLYGYŇ ÜPJÜN EDILMEGI TÜRKMENISTANYŇ BMG BILEN HYZMATDAŞLYGYNYŇ ESASY UGRY BOLUP DURÝAR.

ZAMAN
INTERNATIONAL MEDIA
TÜRKMENISTAN
26-njy sentýabr, 2025. Belgisi 39/1657



# BITARAPLYK, YNANYŞMAK WE KÖPTARAPLAÝYN HYZMATDAŞLYK

Ir bilen hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedowyň awtoulag kerweni Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasynyň ştab-kwartirasyna bardy. Bu ýerde döwlet Baştutanymyzy BMG-niň Baş sekretary Antoniu Guterriş we beýleki resmi adamlar mähirli garşyladylar hem-de bilelikde surata düşdüler. Soňra plenar mejlis öz işine başlady we gatnaşyjylara söz berildi.

Hormatly Prezidentimiz çykyş edip, sözüniň başynda mejlise gatnaşyjylary Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasynyň 80-nji sessiýasynyň öz işine başlamagy bilen gutlady we hemmelere netijeli işlemegi arzuw etdi. Döwlet Baştutanymyz hanym Annalena Berbogy Baş Assambleýanyň Başlygy wezipesine saýlanylmagy bilen gutlap, ozalky sessiýanyň dowamynda Baş Assambleýanyň işine netijeli ýolbaşçylyk edendigi üçin ilçi Filemon Ýanga minnetdarlyk bildirdi.

Döwlet Baştutanymyz dünýäniň häzirki ýagdaýynyň, syýasy, ykdysady, durmuş prosesleriniň häsiýetiniň we meýilleriniň döwletlerden hem-de halkara guramalardan esasy umumy maksady gazanmagyň – parahatçylygy we howpsuzlygy üpjün etmegiň, mundan beýläk-de okgunly ösüş üçin şertleri döretmegiň, häzirki zaman dünýä gurluşynyň binýadynda goýlan hukuk esaslaryny gorap saklamagyň bähbidine utgaşykly hyzmatdaşlygy talap edýändigini belläp, Türkmenistanyň Baş Assambleýanyň 80-nji sessiýasynyň esasy wezipelerine hut şu nukdaýnazardan seredýändigini we berk deňagramly hem-de howpsuz dünýä arhitekturasyny döretmekde oňa uly umyt baglaýandygyny nygtady.

Halkara parahatçylygyň we howpsuzlygyň üpjün edilmegi Türkmenistanyň BMG bilen hyzmatdaşlygynyň esasy ugry bolup durýar. Türkmenistan hemişelik Bitarap döwlet hökmünde öz jogapkärçiligine düşünip, hyzmatdaşlyk, özara düşünişmek ýagdaýyny, ählumumy hem-de sebit derejesinde durnukly ösüşi üpjün etmäge ukyply esasy we kesgitleýji şert hökmünde özara hormat goýmak dialogyny döretmäge gönükdirilen anyk çäreleri mundan beýläk-de amala aşyrmaga taýýardyr diýip, hormatly Prezidentimiz aýtdy we häzirki wagtda bitaraplyk ýörelgeleriniň iş ýüzünde durmuşa geçirilmeginiň bu

***Amerikanyň Birleşen Ştatlaryna iş saparynyň çäklerinde hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow BMG-niň Baş Assambleýasynyň 80-nji sessiýasynyň ýokary derejeli plenar mejlisiniň ilkinji gününe gatnaşdy we çykyş etdi.***

wezipeleri ilerletmekde hem-de ýerine ýetirmekde iň netijeli gurallaryň biridigine berk ynam bildirdi. Şunuň bilen baglylykda, Türkmenistan BMG-niň Baş Assambleýasynyň 80-nji sessiýasynyň gün tertibine «Bitaraplyk – parahatçylygyň we howpsuzlygyň hatyrasyna» atly aýratyn bendi girizmek başlangyjyny öňe sürdi. Dünýä jemgyýetçiliginiň bitaraplygyň wajypdygyna, BMG-niň parahatçylyk döredijilikli strategiýasynda onuň mümkinçiliklerine we gurallaryna düşünýändiginden ugur alyp, ol möhüm diýlip hasaplanýar. Bu ugry dowam etdirmek bilen, Türkmenistan şu gezekki sessiýanyň dowamynda «Halkara parahatçylygy, howpsuzlygy we durnukly ösüş prosesini üpjün etmek hem-de pugtalandyrmak işinde bitaraplyk syýasatynyň orny we ähmiýeti» atly Kararnamanyň taslamasyna seretmegi teklip eder.

Mälim bolşy ýaly, şu ýyl Türkmenistanyň başlangyjy boýunça Baş Assambleýa tarapyndan «Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly» diýlip yglan edildi. Bu şanly waka BMG-niň döredilmeginiň ýubileýine gabat gelýär. Şu ýylyň dekabrynda Türkmenistanda Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylyna bagyşlanyp, ýokary derejeli iri halkara forum geçiriler. Bu foruma BMG-niň strategik maksatlaryny gazanmaga anyk goşant hökmünde garaýarys we oňa giň halkara wekilçiligiň gatnaşjakdygyna umyt edýäris. Döwlet çemeleşmeleriniň dünýäniň ösüş meýillerine ýakynlaşmak prosesi, ynanyşmagyň we özara düşünişmegiň ýola goýulmagy hem-de pugtalandyrylmagy ulgamlaýyn, yzygiderli häsiýete eýe bolmalydyr diýip hasaplaýarys diýip, döwlet Baştutanymyz sözüni dowam etdi. Şunuň bilen baglylykda, Türkmenistan Parahatçylyk we ynanyşmak medeniýeti meseleleri boýunça bütindünýä sammitini geçirmek başlangyjyny öňe sürýär. Halkara ynanyşmagyň ählumumy kodeksini işläp taýýarlamak sammitiň esasy wezipeleriniň biri bolar. Bu kodeks ýurtlaryň arasynda özygtyýarlylyga we çäk bitewüligine hormat goýmak, dünýä meselelerini bilelikde çözmek we hyzmatdaşlyk ýörelgeleri esasynda gatnaşyklary ýola goýmak üçin köpugurly esas bolup hyzmat eder.

Ählumumy parahatçylygy, özara düşünişmegi üpjün etmek meselelerine häzirki zaman ösüşiniň ugurlary, medeni we ruhy gatnaşyklary gorap saklamagyň hem-de ýakynlaşdyrmagyň zerurdygy bilen aýrylmaz baglanyşykda garaýarys. Bu babatda ýüzýyllyklaryň dowamynda Gündogar bilen Günbataryň arasynda medeni köpri bolan Merkezi Aziýa häzirki günde öz taryhy wezipesini gaýtadan dikeldip, dialog, hyzmatdaşlyk babatda dünýägaraýyşlary we gymmatlyklary ýakynlaşdyrmak üçin giňişlik bolmalydyr diýip, hormatly Prezidentimiz aýtdy we şundan ugur alyp, Türkmenistanyň şu gezekki sessiýanyň dowamynda BMG bilen hyzmatdaşlykda hem-de sebitiň ýurtlarynyň, beýleki gyzyklanma bildirýän döwletleriň, halkara institutlaryň gatnaşmagynda «Merkezi Aziýa – parahatçylykda ýaşamagyň giňişligi» atly halkara forumy geçirmegi teklip etjekdigine ünsi çekdi. Şeýle hem Türkmenistan Baş Assambleýanyň garamagyna Halkara araçylyk gününi yglan etmek hakynda Kararnamanyň taslamasyny hödürlär. Bu Kararnama gapma-garşylyklaryň öňüni almakda we kadalaşdyrmakda diplomatiýanyň hem-de bitarap meýdançalaryň ähmiýetini nygtar.

Durnukly ösüş maksatlaryny gazanmaga gatnaşmak, onuň ulag we energetika ýaly esasy ugurlarynda hyzmatdaşlygy ösdürmek ýurdumyzyň ileri tutýan ugurlarynyň biri bolup durýar. Bu mesele boýunça köptaraplaýyn dialogyň merkezleriniň biri bolmak bilen, Türkmenistan adalatly, deňagramly we inklýuziw halkara ösüş ulgamyny döretmäge ýardam bermegini dowam etdirer. Şu gezekki sessiýanyň dowamynda degişli Kararnamanyň taslamasyny hödürläp, 2026 – 2035-nji ýyllar üçin «BMG-niň Durnukly ulag boýunça onýyllygyny» yglan etmek başlangyjyny öňe süreris diýip, Arkadagly Gahryman Serdarymyz belledi hem-de munuň ulag geçelgelerini ösdürmek, olaryň durnuklylygyny ýokarlandyrmak we ähli ýurtlar üçin elýeterliligini üpjün etmek üçin halkara jemgyýetçiligiň tagallalaryny birleşdirmäge mümkinçilik berjekdigine ynam bildirdi. Şeýle-de ýurdumyz BMG-niň Baş Assambleýasynyň garamagyna «Durnukly ösüşi üpjün etmekde ygtybarly we durnukly energiýa birikmesiniň esasy orny» atly Kararnamanyň taslamasyny hödürlär.

Häzirki wagtda sanly özgertmeler ösüş gün tertibiniň ileri tutulýan meseleleriniň hatarynda durýar. Bu prosesiň deňagramly häsiýete eýe bolmalydygyna, onuň ähli döwletleriň, şol sanda ösüp barýan ýurtlaryň kanuny bähbitlerini göz öňünde tutmalydygyna, syýasylaşdyrylmakdan we birtaraplylykdan azat bolmalydygyna ynanýarys diýip, döwlet Baştutanymyz aýtdy. Şunuň bilen baglylykda, Türkmenistan deňhukuklylyk, ynanyşmak we maglumat-kommunikasiýa tehnologiýalarynyň parahatçylygyň, howpsuzlygyň, durnukly ösüşiň zyýanyna ulanylmagyna ýol bermezlik ýörelgelerine esaslanýan Sanly integrasiýa boýunça bütindünýä platformasyny döretmek başlangyjy bilen çykyş etmegi meýilleşdirýär.

80-nji sessiýanyň dowamynda Türkmenistan ekologiýa we howanyň üýtgemegi meseleleri boýunça işleri-de dowam eder hem-de bu meselelere howpsuzlygy üpjün etmegiň, howa, ekologiýa we tehnogen hadysalara gözegçilik etmegiň köptaraplaýyn gurallaryny döretmek boýunça binýatlaýyn çemeleşme hökmünde yzygiderli esasda garalmagyny maksat ediner. Türkmenistan Merkezi Aziýa ýurtlary üçin çölleşmä garşy göreşmek boýunça sebit merkezini döretmek başlangyjyny öňe sürýär. Şeýle merkeziň döredilmegi sebit mümkinçiliklerini birleşdirmäge, daşky gurşawy goramak ulgamynda hyzmatdaşlygy pugtalandyrmaga ýardam berer, Durnukly ösüş maksatlaryny gazanmaga, hususan-da, howanyň üýtgemegine garşy göreşmek, gury ýeriň ekoulgamlaryny gorap saklamak işine saldamly goşant goşar diýip, hormatly Prezidentimiz sözüni dowam etdi we ýurdumyzyň BMG-niň Baş Assambleýasynyň 78-nji sessiýasynda öňe sürlen, Hazar deňziniň ekoulgamyny gorap saklamak üçin halkara platformany döretmäge gönükdirilen Hazar ekologik başlangyjyny ilerletjekdigini nygtady. Hazar ekologiýa forumy bu ugurda möhüm ädim bolar. Döwlet Baştutanymyz ony 2026-njy ýylda geçirmegi teklip edip, häzirki wagtda giň ynsanperwer hyzmatdaşlygy ýola goýmak üçin BMG-niň ornuny pugtalandyrmagyň, halklary ýakynlaşdyrmaga we olaryň arasynda özara düşünişmegi berkitmäge, ruhy-medeni gymmatlyklaryň tapawutlylygyndan gelip çykýan päsgelçilikleri aradan aýyrmaga, medeni diplomatiýanyň netijeli ýollaryny herekete getirmäge ýardam bermegiň möhümdigine ünsi çekdi. Şeýle-de hormatly Prezidentimiz medeniýetleriň arasynda dialogy ösdürmek we Baş Assambleýanyň halkara gatnaşyklarda köpdilliligi goldamak boýunça Kararnamalaryny iş ýüzünde durmuşa geçirmek üçin Köpdilli diplomatiýanyň halkara gününi yglan etmegi teklip etdi.

Türkmenistan hemişe ähli halkara başlangyçlaryny BMG-niň Tertipnamasyna we esas goýujy resminamalaryna, uzak möhletli maksatlaryna laýyk getirýär. BMG bilen hyzmatdaşlygyň Türkmenistanyň ileri tutýan strategik ugry bolup durýandygyny hemişe nygtamagymyz tötänden däldir. Biz BMG-niň köpugurly ygtyýarlyklara eýe bolan ýeke-täk halkara guramadygyny ynam bilen aýdýarys. Birleşen Milletler Guramasy parahatçylygyň we ösüşiň kepili, ählumumy howpsuzlygyň, durnuklylygyň binýady bolmagynda galmalydyr. Türkmenistan halkara işlerde BMG-niň eýeleýän esasy ornuny pugtalandyrmak ugrunda yzygiderli çykyş etmegini dowam etdirer. Şunda halkara hukugyň berkidilmegini, halkara kadalaşdyryş binýadynyň kämilleşdirilmegini, BMG-niň konwensiýalarynyň, şertnamalarynyň, ylalaşyklarynyň we beýleki köptaraplaýyn resminamalarynyň durmuşa geçirilişiniň netijeliliginiň ýokarlandyrylmagyny munuň esasy şerti diýip hasaplaýarys diýip, döwlet Baştutanymyz aýtdy hem-de Türkmenistanyň 2028-nji ýyly «Halkara hukugyň ýyly» diýip yglan etmek baradaky başlangyjy öňe sürýändigini belledi we munuň parahatçylygyň, hyzmatdaşlygyň halkara hukuk binýatlaryny pugtalandyrmakda möhüm ädim boljakdygyna ynam bildirdi.

Şu mejlis Türkmenistan üçin aýratyn ähmiýete eýedir. 30 ýyl mundan ozal şu ýerde Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasy «Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplygy» atly Kararnamany biragyzdan kabul etdi. Ol ýurdumyz üçin taryhy waka bolup, Türkmenistanyň geljekki daşary syýasy we halkara işini kesgitledi. Biziň Bitaraplygymyzyň halkara derejede ykrar edilmegi daşarky amatly şertleri üpjün edip, döwletimiziň içerki ösüşini işjeňleşdirmäge ýardam berdi diýip, hormatly Prezidentimiz sözüni dowam etdi we mümkinçilikden peýdalanyp, Türkmenistanyň halkynyň adyndan BMG-ä agza döwletlere, tutuş dünýä jemgyýetçiligine 1995-nji ýylyň dekabrynda kabul edilen we Baş Assambleýanyň soňky iki Kararnamasy bilen tassyklanan Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplygyny ykrar etmek baradaky çözgüt üçin minnetdarlyk bildirdi.

Döwlet Baştutanymyz Türkmenistanyň özüne bildirilen ynamy hemişe ýatda saklajakdygyny we öz üstüne alan halkara borçnamalaryna pugta eýerjekdigini aýdyp, ähli wekiliýetleri Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasynyň 80-nji ýubileý sessiýasynyň öz işine başlamagy bilen ýene-de bir gezek gutlady we hyzmatdaşlygy, özara düşünişmegi pugtalandyrmakda üstünlikleri arzuw etdi.

# GARAŞSYZLYK – ARZUWLARYŇ WYSALY

***Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwri beýik ösüşleriň döwrüdir. Hormatly Prezidentimiziň parasatly baştutanlygynda gazanylýan ösüşler halkymyzyň buýsanjyna buýsanç goşýar. Bu ösüşler ýurdumyzyň ähli ulgamynda gazanylýan üstünlikler, milli ykdysadyýetimiziň has-da kuwwatlanmagy bilen baglanyşyklydyr.***

Garaşsyzlygymyzyň 34 ýylynyň içinde Watanymyzda ähli ugurlarda uly ösüşler gazanylyp, belent sepgitlere ýetildi. Häzirki wagtda hormatly Prezidentimiziň baştutanlygynda durmuşa geçirilýän özgertmeleriň netijesinde ýurdumyzy ösdürmek boýunça maksatnamalar üstünlikli amala aşyrylýar. Bu beýik işler, ýetilýän belent sepgitler halkymyzyň bagtyýarlygyny üpjün edýär. Dünýä medeniýetine, ylmyna saldamly goşant goşan ata-babalarymyzyň parahatçylyk söýüjilik, hoşniýetli goňşuçylyk ýörelgeleriniň dowam etdirilmegi Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistanyň ykdysady taý-



dan kuwwatly döwlete öwrülmegine, dünýäniň ösen döwletleriniň hatarynda orun almagyna uly itergi berdi.

Garaşsyzlyk ýyllarynda döwletimiziň ýeten sepgitlerine nazar aýlanymyzda, ýurdumyzda ylym, bilim, oba hojalyk, söwda, ulag-logistika, medeniýet, saglygy goraýyş we beýleki ulgamlarda alnyp barylýan işleriň, gazanylýan ösüşleriň şaýady bolýarys. Şu ýylyň dowamynda gurlup, ulanmaga berlen binalardyr, desgalar şanly Garaşsyzlygymyzyň baýramçylygyna ajaýyp sowgatdyr. «Watan diňe halky bilen Watandyr! Döwlet diňe halky bilen döwletdir!» diýen ýörelgäni baş şygara öwren hormatly Prezidentimiziň durmuşa geçirýän başlangyçlarynyň oňyn netijeleri Garaşsyzlygymyzyň halkymyza eçilýän miwesidir.

Ýurdumyzda öndürilip, dünýä bazarlarynda orun alýan önümleriň barha artmagy halkymyzyň beýik işleri amala aşyrmaga ukyplydygynyň aýdyň nyşanydyr.

■ 2

# UMUMYMILLI FORUMDA TÄZE WEZIPELER KESGITLENDI

***Paýtagtymyzyň Maslahat köşgünde Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň nobatdaky mejlisi üstünlikli geçirildi. Onda döwlet ähmiýetli, il-ýurt bähbitli wajyp wezipeler, möhüm meseleler halka sala salnyp, köpçülik bilen geňeşilip, taryhy Kararlardyr Permanlar kabul edildi. Il-halk bilen maslahat etmek ata-babalarymyzdan gelýän asylly, döwletli ýol-ýörelgelerimizdir.***

Türkmen halkynyň Milli Lideri Gahryman Arkadagymyzyň we hormatly Prezidentimiz Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň taýsyz tagallalary bilen, Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe hem şeýle asylly ýörelgelerimiz mynasyp dowam etdirilýär. Muňa mukaddes Garaşsyzlygymyzyň 34 ýyllyk şanly toýunyň öň ýanynda geçirilen Halk Maslahatynyň nobatdaky mejlisinde aýdyň göz ýetirdik.

Halk Maslahatynda hormatly Prezidentimiz tarapyndan gol çekilen Permanlara laýyklykda, Garaşsyzlygymyzyň 34 ýyllygy mynasybetli ýurdumyzyň raýatlarynyň birnäçesine Türkmenistanyň «Hormatly il ýaşulusy» diýen ady dakyldy we ýurdumyzyň raýatlarynyň birnäçesi Türkmenistanyň «Zenan kalby» ordeni bilen sylaglandy. Döwlet Baştutanymyzyň gol çeken Permanyna laýyklykda, Garaşsyzlygymyzyň 34 ýyllygy, hemişelik Bitaraplygymyzyň 30 ýyllygy mynasybetli daşary ýurt raýatlarynyň birnäçesi Türkmenistanyň «Magtymguly Pyragynyň 300 ýyllygyna» atly ýubileý medaly bilen sylaglandy. Şeýle hem ýurdumyzyň raýatlarynyň ençemesi döwlet sylaglary bilen sylaglandy.



Mundan başga-da, edebiýat, medeniýet we sungat işgärleriniň, höwesjeň aýdymçy ýaşlaryň hem-de zehinli çagalaryň arasynda Türkmenistanyň Prezidentiniň yglan eden «Türkmeniň Altyn asyry» atly baýragyny almak ugrundaky bäsleşigiň jemleri jemlenildi.

Bulardan başga-da, Ahal welaýatynyň Altyn asyr etrabynyň häkimligi, Daşoguz welaýatynyň Garaşsyzlyk we Gubadag etraplarynyň häkimlikleri, Lebap welaýatynyň Farap, Döwletli, Garabekewül etraplarynyň häkimlikleri, Mary welaýatynyň Oguz han etrabynyň häkimligi döredildi.

■ 2



# AT AGYNAN ÝERDE TOÝ BOLAR

***24-nji sentýabrda türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedow ir bilen Aşgabat atçylyk sport toplumyna bardy. Gahryman Arkadagymyz bu ýerde ýurdumyzyň durmuşynda möhüm ähmiýeti bolan mukaddes Garaşsyzlygymyzyň 34 ýyllygyna görülýän taýýarlyk işleri we toplumyň döwrebaplaşdyrylyşy bilen tanyşdy.***

Häzirki wagtda Aşgabat atçylyk sport toplumynda Garaşsyzlygymyzyň 34 ýyllyk baýramyna taýýarlyk işleri ýokary derejede alnyp barylýar. Toplumyň döwrebaplaşdyrylmagy onuň keşbine özboluşly öwüşgin çaýdy. Milli Liderimiz bu ýerde amala aşyrylan işleriň ýagdaýy bilen gyzyklanyp, olaryň baýramçylyk dabaralaryny guramaçylykly geçirmekde, at çapyşyklarynyň ýokary derejesini üpjün etmekde uly ähmiýete eýe boljakdygyna ünsi çekdi.

Atçylyk sport toplumynyň tutuş çägi häzirki zaman talaplaryna we ýokary ekologik derejä laýyklykda döwrebaplaşdyryldy. Şeýlelikde, ol halkara görkezijilere gabat gelýän ýokary netijeli atçylyk sport toplumyna öwrüldi. Gahryman Arkadagymyz toplumyň ekologiýa ýagdaýynyň yzygiderli gözegçilikde saklanmalydygyny, bu ýerde döredilýän gök zolaklaryň ugurdaş desgalar bilen bitewi sazlaşygy emele getirmelidigini belledi.

Milli Liderimiz türkmen halkynyň «At agynan ýerde toý bolar» diýen paýhasly jümlesinden ugur alnyp, ahalteke bedewleriniň ýurdumyzda bellenilýän toý-baýramlaryň esasy bezegine öwrülendigini aýdyp, bu ýerde bedewlerdir çapyksuwarlar üçin bolşy ýaly, dabaralara gatnaşjak köp sanly myhmanlar, janköýerler üçin hem ähli zerur şertleriň döredilmelidigine ünsi çekdi. Şunda baýramçylyk çapyşyklarynyň ýokary guramaçylyk derejesi üpjün edilmelidir. Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy at çapyşyklary mynasybetli guraljak dabaralaryň medeni maksatnamasynyň hemmetaraplaýyn esasda taýýarlanylmalydygyny aýdyp, baýramçylyk günlerinde ýaýbaňlandyryljak çykyşlaryň halkymyzyň durmuşynda mäkäm orun alan ahalteke bedewleriniň şöhratynyň özboluşly waspyna öwrülmelidigini nygtady.

Hormatly Arkadagymyz toplumyň ýörite meýdançasynda Hanbeg atly bedewe atlanyp, aýlawyň çäginde gezim etdi, şeýle-de toplumyň çapuw ýodasynyň, oňa düşelen çägäniň ýagdaýy bilen gyzyklandy. Çapuw ýodasynyň üpjünçiligi häzirki zaman talaplaryna laýyk gelmelidir. Onda at çapyşyklaryny guramaçylykly geçirmek üçin ähli zerur mümkinçilikler döredilmelidir. Bu baradaky gürrüňi dowam edip, türkmen halkynyň Milli Lideri ýurdumyzyň seýisleriniň we atşynaslarynyň bir ýerde jemlenip, toplumyň çapuw ýodasynyň ýagdaýy bilen baglanyşykly meseleleri ara alyp maslahatlaşmaklarynyň zerurdygyna ünsi çekdi. Munuň özi çapuw ýodalarynyň milli atşynaslyk ýörelgeleri we köpýyllyk tejribe esasynda döwrebaplaşdyrylmagynda, olaryň ýokary halkara kadalara laýyk gelmeginde ähmiýetli bolar diýip, Gahryman Arkadagymyz belledi we bu babatda degişli ýolbaşçylara öz maslahatlaryny berdi.

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe behişdi bedewler gaýtalanmajak gözelligi bilen dünýäde meşhurlyk gazandy. Munuň özi atşynaslaryň taryhyň dowamynda ajaýyp bedewleri ýetişdirmek ugrunda çeken yhlasly zähmetiniň netijesidir. Milli Liderimiz bu işleriň häzirki döwrüň ruhuna kybap derejede ösdürilmegi babatda hormatly Prezidentimiziň baştutanlygynda zerur tagallalaryň edilýändigini aýdyp, öňde duran wezipeleriň üstünlikli ýerine ýetirilmegi üçin degişli düzümleriň sazlaşykly işiniň ýola goýulmalydygyna ünsi çekdi.

Gahryman Arkadagymyz türkmen atşynaslarynyň asyrlaryň dowamynda bedewleri seýislemegiň milli mekdebini döredendigini, häzirki wagtda ahalteke bedewleriniň aýratyn üns-alada bilen gurşalandygyny belledi. Ýurdumyzda ýelden ýüwrük bedewleri köpeltmek, milli atçylyk däplerini gaýtadan dikeltmek, atçylyk sportuny ösdürmek, ussat çapyksuwarlary taýýarlamak, uzak aralyklara atly ýörişleri geçirmek, päsgelçiliklerden böküp geçmek ýaly ugurlaryň netijeli ösdürilmegi babatda ähli zerur şertler döredilýär. Halkymyz gadymy döwürlerden bäri toý-baýramlarda milli buýsanjymyza öwrülen bedewleriň çapyşyklaryny gurapdyr. Häzirki döwürde at çapyşyklarynyň geçirilmegi, şanly seneleriň hormatyna baýramçylyk çapyşyklarynyň guralmagy asylly däbe öwrüldi. Munuň özi gözelligi we ýyndamlygy bilen göreni haýrana goýýan ahalteke bedewlerine goýulýan hormat-sarpanyň aýdyň nyşanydyr.

Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Aşgabat atçylyk sport toplumynda geçiriljek baýramçylyk dabaralarynyň ýokary guramaçylyk derejesiniň üpjün edilmegi ugrunda bilelikdäki tagallalaryň zerurdygyna ünsi çekip, baýramçylyk mynasybetli işlenip taýýarlanan maksatnamany ýokary derejede amala aşyrmakda hemmelere üstünlikleri arzuw etdi we bu ýerden Türkmenistanyň Prezidentiniň Ahalteke atçylyk toplumyna tarap ugrady.

Häzirki döwürde Köpetdagyň etegindäki gözel künjekleriň birinde ýerleşýän toplumda döwrebaplaşdyrmak işleri batly depginde dowam edýär. Ýurdumyzyň dürli künjeklerinde bar bolan atçylyk toplumlarynyň we aýlawlaryň talabalaýyk derejede saklanmagyna, olarda döwrebap mümkinçilikleriň döredilmegine, toplumlaryň tutuş çäkleriniň abadanlaşdyrylmagyna, gök zolaklaryň döredilmegine döwlet derejesinde ähmiýet berilýär. Şu nukdaýnazardan, Türkmenistanyň Prezidentiniň Ahalteke atçylyk toplumynda ýerine ýetirilýän işler hem häzirki zaman talaplaryna laýyklykda alnyp barylýar.

Gahryman Arkadagymyz toplumdaky işleriň ýagdaýy bilen gyzyklanyp, bu ýerde bedewler, atbakarlaryň netijeli işiniň üpjün edilmegi üçin ähli zerur şertleriň döredilmelidigine ünsi çekdi. Şol bir wagtyň özünde behişdi bedewleriň şöhratly taryhynyň häzirki döwrüň ruhuna kybap derejede dowam etdirilmegine mynasyp goşant goşýan atşynaslaryň zähmeti höweslendirilmelidir. Milli Liderimiz ynsan bilen bedewiň arasyndaky baglanyşygyň mizemezdigini, milletimiziň buýsanjyna öwrülen ajaýyp bedewleriň eziz Diýarymyzda giňden bellenilýän toý-baýramlaryň esasy bezegi bolup durýandygyny, Watanymyzyň ösüşleriň, beýik ýeňişleriň belentliklerine tarap batly gadamlarynyň bolsa bedew badyna deňelýändigini belledi. Şunuň bilen baglylykda, bedewler we olary seýislemek, atlaryň saglyk ýagdaýyny yzygiderli gözegçilikde saklamak meselelerine möhüm ähmiýet berilmelidir.

## Uly almaz satuwa çykar

Geçen ýyl Botswanada tapylan 2 müň 488 karatlyk äpet göwheriň satuwa çykaryljakdygy mälim edildi. «Motswedi» diýlip atlandyrylan gymmat bahaly daşyň satylmazdan ozal bahasynyň anyklanjakdygy aýdyldy. Agramy ýarym kilograma barabar bolan göwheriň Belgiýada geçirilen barlaglaryň netijesinde deslapky gymmaty anyklandy. Daş ýurduň demirgazyk-gündogaryndaky Karowe magdan käninden tapyldy. Bu magdan käni Kanadanyň «Lucara Diamond» kompaniýasyna degişli. «Lucara Diamond» 10,8 karatdan uly göwherleri gaýtadan işlemek we satmak üçin «HB Antwerp» atly başga bir firma bilen işleşýär. «HB Antwerp»-iň wekili Margo Donke daşyň gymmatyny anyklamak üçin ilki kesilmelidigini belleýär.



**Gurbanmämmet AMANOW,**
*Türkmenistanyň Kärdeşler arkalaşyklarynyň Magtymguly etrap birleşmesiniň başlygy.*

## Ekin meýdanlaryna dik Gün panelleri ýerleşdirildi

Orhus uniwersitetiniň hünärmenleri Daniýanyň oba ýerlerinde dikligine ýerleşdirilen Gün panelleriniň netijeliligini öwrendiler. Tejribäniň çäklerinde iki taraply Gün panelleri ekin meýdanynyň içine ýerleşdirildi. Başga bir atyza bolsa, adaty usuldaky ýaly ýapgyt şekilli paneller ýerleşdirildi. Atyzlara bugdaý we ýorunja ekildi. Dik panel ýerleşdirilen ekin meýdanyndaky hasylyň o diýen azalmandygy ýüze çykaryldy. Paneller atyzyň 10 göterimini gaplady. Ýapgyt görnüşli panel ýerleşdirilen atyzda bolsa, ekiniň hasyllylygy 18-26 göterim aralygynda azaldy. Köp ýurtda ekin meýdanlarynda we baglarda Gün panelleri oturdylyp, ekerançylyk meýdanlary elektrik energiýasyny öndürmek üçin hem peýdalanylýar.



**Durdy BAÝRYÝEW,**
*Türkmen döwlet maliýe institutynyň talyby.*

## GARAŞSYZLYK – ARZUWLARYŇ WYSALY

**Başlangyjy 1-nji sahypada.**

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe ýerine ýetirilen we ýerine ýetirilýän işleriň, durmuşa ornaşdyrylan özgertmeleriň sakasynda Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň ýadawsyz zähmeti, taýsyz tagallalary durandyr. Türkmenistanyň Garaşsyzlygynyň birnäçe esaslary bar. Garaşsyzlygyň syýasy, ykdysady, hukuk, ideologik hem-de halkara esaslary barada bolsa aýratyn durup geçmek mümkin. Türkmenistanyň Garaşsyzlygynyň syýasy esaslary, ilkinji nobatda, dünýäniň syýasy kartasynda täze döwletiň emele gelendigi, onuň içeri we daşary syýasatyny özbaşdak amala aşyrýandygy bilen ýüze çykýar.



Garaşsyzlygyň ykdysady esaslary bolsa bazar gatnaşyklary, şeýle hem täze döwlet dolandyryşynyň döredilmegi bilen baglydyr. Türkmenistan Garaşsyzlygynyň ilkinji günlerinden başlap, bazar gatnaşyklaryna geçmegi esasy ýörelgeleriň biri hökmünde saýlap aldy, şeýle hem täze ykdysady gatnaşyklara tapgyrlaýyn geçmegiň ugurlaryny kesgitledi.

Garaşsyzlygyň halkara esaslary hem aýratyn bellenilmäge mynasypdyr. 1992-nji ýylyň 2-nji martynda Türkmenistan biragyzdan BMG-niň deňhukukly agzalygyna saýlandy. Şol döwürden başlap, türkmen döwleti halkara gatnaşyklarda özüniň ornuny berkidip başlady. 1995-nji ýylyň 12-nji dekabrynda BMG-niň Baş Assambleýasynyň Kararnamasyna laýyklykda, Türkmenistan hemişelik Bitarap döwlet hökmünde ykrar edildi. 2015-nji ýylyň 3-nji iýunynda BMG-niň Baş Assambleýasy Türkmenistany ikinji gezek hemişelik Bitarap döwlet hökmünde ykrar etdi. Şu ýyl bolsa, BMG-niň Baş Assambleýasy tarapyndan döwletimiziň hemişelik Bitaraplygy üçünji gezek ykrar edildi. Garaşsyzlyk ýyllarynda konstitusion özgertmeler hem tapgyrlaýyn amala aşyryldy.

Bu gün daşary we içeri syýasatda oňyn özgerişlikleri gazanýan Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistan halkara meseleler babatda öz pikirini aýdyp, oňyn teklipleri öňe sürýär. Ýurdumyzyň 30 ýyl mundan öň ykrar edilen hemişelik Bitaraplyk hukuk derejesi halkara jemgyýetçilik tarapyndan goldanylýar, Türkmenistan dünýäniň sebitlerinde ýüze çykýan gapma-garşylyklar babatda düşünişmezlikleri gepleşikler arkaly, parahatçylyk ýoly bilen çözmegiň tarapdary bolup çykyş edýär.

Gahryman Arkadagymyzyň belleýşi ýaly, «Durmuşdaky ähli düşünjedir bilimler Watandan başlanýar. Äpet Ýer togalagynyň Ýewraziýa yklymynda ýerleşýän Türkmenistan biziň eziz Watanymyzdyr, ata-babalarymyzdan bize miras galan we soňky nesillere galjak bahasyna ýetip bolmajak gymmatlykdyr. Bu nurana topragy söýmek, goramak, gülletmek biziň her birimiz üçin parzdyr. Biziň at-abraýymyz, mertebämiz we derejämiz şu topragyň şöhratyny belende göterip bilşimize baglydyr. Ata Watanymyzyň her bir daban ýeri biziň iň beýik mukaddesligimizdir».

**Amantäç BERDIHANOWA,**
*Myrat Garryýew adyndaky Türkmenistanyň Döwlet lukmançylyk uniwersitetiniň adam anatomiýasy, topografik anatomiýa we operatiw hirurgiýa kafedrasynyň mugallymy.*

## UMUMYMILLI FORUMDA TÄZE WEZIPELER KESGITLENDI

**Başlangyjy 1-nji sahypada.**

Döwlet Baştutanymyzyň gol çeken Kararyna laýyklykda, «Türkmenhimiýa» döwlet konsernine Balkan welaýatynyň Türkmenbaşy etrabynda ýylda 1 million 155 müň tonna karbamid öndürýän toplumyň taslamasyny düzmek we ony ýanaşyk ýerlerini abadanlaşdyryp gurmak barada Ýaponiýanyň «Mitsubishi Heavy Industries, Ltd.» we Türkiýe Respublikasynyň «Gap Inşaat Ýatyrym we Dyş Tijaret Anonim Şirketi» kompaniýalary bilen şertnama baglaşmaga ygtyýar berildi.



Hormatly Prezidentimiziň taryhy mejlisde eden çykyşlaryndan görnüşi ýaly, ýurdumyzyň döwlet syýasaty ähli pudaklarda innowasiýalara we ösüşe gönükdirilendir. Ýurduň ykdysadyýetiniň möhüm pudaklary bolan gurluşyk-senagat toplumy, himiýa we oba hojalyk pudaklary häzirki döwürde giň möçberli özgertmelere we täze önümçilikleriň işe girizilmegine eýe bolýar.

Soňky ýyllarda gurluşyk pudagynda innowasion önümçilige aýratyn üns berilýär. 2025-nji ýylda «Bäherden» keramiki önümler kärhanasy we täze aýna önümleri öndürýän önümhana ulanyşa berildi. Bu täze kärhanalar diňe bir içerki bazaryň talaplaryny kanagatlandyrmak bilen çäklenmän, daşary ýurtlara eksport mümkinçiliklerini hem artdyrýar.

Ýakyn geljekde ýurdumyzda birnäçe iri himiýa önümçilik desgalarynyň gurluşygy meýilleşdirilýär: Türkmenbaşy etrabynda karbamid öndürýän toplum; Ahal welaýatynda tebigy gazdan benzin öndürýän zawodyň ikinji tapgyry; Türkmenabatdaky mineral dökünler toplumy; Mary welaýatynda mineral dökün öndürýän täze zawod. Bu taslamalar himiýa senagatynyň eksport mümkinçiliklerini giňeldip, ýurdumyzy dünýä bazarynda bäsdeşlige has-da ukyply eder.

Döwlet syýasatynyň esasy maksady halkyň ýaşaýyş derejesini yzygiderli ýokarlandyrmakdyr. Şonuň üçin iş orunlaryny döretmek, ilatyň iş üpjünçiligi boýunça giň möçberli çäreler amala aşyrylýar. 2025-nji ýylyň ahyryna çenli döredilen täze iş orunlarynyň sany 3 müňden gowrak bolar. Şeýle hem «Türkmenistanyň zähmet bazaryny 2030-njy ýyla çenli ösdürmegiň Konsepsiýasy» kabul edildi.

Netijede, Türkmenistanyň ykdysady ösüşiniň ähli ugurlary – gurluşyk, himiýa senagaty, oba hojalygy we durmuş ulgamy – halkyň bagtyýar geljegine hyzmat edýär. Döwletiň baş maksady bolsa öňki ýaly, halkyň ýaşaýyş-durmuş derejesini ýokarlandyrmak we ýurduň dünýäde güýçli ykdysady döwlete öwrülmegini üpjün etmekdir.

**Aýtäç HAJYÝEWA,**
*Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetiniň talyby.*

## Diýarymyzyň ösüşini görkezýän açylyşlar

Gahryman Arkadagymyzyň we Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň taýsyz tagallalary bilen Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe ýurdumyzyň haýsy ulgamyny alsaň-da, onuň kämillik derejesine ýetendiginiň şaýady bolýarsyň.

Ýurdumyzda açylyp ulanmaga berilýän täze, döwrebap obalar we şäherçeler halkymyzyň ýaşaýyş-durmuş derejesini has-da ýokarlandyrýandygynyň aýdyň subutnamasydyr. Ýakynda Ahal welaýatynyň Ak bugdaý etrabynyň Öňaldy geňeşliginde Döwletli mekan obasynyň, Daşoguz welaýatynyň Köneürgenç etrabynyň Täze ýol geňeşliginiň çäginde Bitaraplyk şäherçesiniň hem-de Ahal welaýatynyň Kaka etrabynyň Gowşut geňeşliginde Bagtly zamana obasynyň açylmagy mynasybetli guralan dabaralar mukaddes Garaşsyzlygymyzyň 34 ýyllyk baýramynyň öň ýanynda hakyky toý wakalaryna öwrüldi.



Bagtly zamana obasy 400 sany döwrebap ýaşaýyş jaýyny, 640 orunlyk orta mekdebi, 320 orunlyk çagalar bagyny, söwda merkezini, geňeşligiň edara binasyny özünde jemleýär. Döwletli mekan obasynda edil şonuň ýaly, 400 sany ýaşaýyş jaýy, geňeşligiň edara binasy, saglyk öýi, 640 orunlyk orta mekdep, 320 orunlyk çagalar bagy, söwda merkezi bar. Ol ýerde döwrebap ýol-ulag, aragatnaşyk, suw, elektrik, gaz üpjünçilik hem-de lagym ulgamlary göz öňünde tutulypdyr. Bitaraplyk şäherçesinde 400 sany döwrebap ýaşaýyş jaýy, geňeşligiň edara binasy, hyzmatlar öýi, aragatnaşyk bölümi, 420 orunlyk orta mekdep, 160 orunlyk çagalar bagy, 200 orunlyk medeniýet öýi, saglyk öýi, 500 orunlyk toý mekany, şeýle hem önümçilik maksatly häzirki zaman desgalary bar.

Halkara ölçeglere laýyk gelýän bu desgalar türkmen gurluşykçylarynyň, türkmen telekeçileriniň güýji bilen bina edildi. Munuň özi aýratyn bellenmäge mynasypdyr. Bu ajaýyp işleriň hemmesi halkymyzyň bagtyýar durmuşda ýaşamagy üçin edilýän yhlas-aladalaryň netijesidir.

**Zylyha AGAJANOWA,**
*Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň talyby.*

## GARAŞSYZLYK WE BITARAPLYK MILLI BUÝSANJYMYZDYR

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwrüniň Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly täze taryhymyza altyn harplar bilen ýazyljak şanly seneleriň – mukaddes Garaşsyzlygymyzyň 34 ýyllygynyň, hemişelik Bitaraplygymyzyň 30 ýyllygynyň giňden bellenilýän ýyly hökmünde aýratyn ähmiýete, many-mazmuna eýedir. Toý-baýramlara beslenýän ajaýyp zamanamyzda asyrlaryň dowamynda pederlerimizden miras bolup gelýän halka sala salmak, geňeş etmek ýaly asylly ýörelgeleriň üstünlikli dowam etdirilýändigi hem buýsandyryjydyr. Baş baýramymyzyň öňüsyrasynda geçirilen Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň nobatdaky mejlisi bu ajaýyp hakykaty ýene bir ýola dabaralandyrýar.

Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň mejlisinde türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gahryman Arkadagymyz, hormatly Prezidentimiz Arkadagly Gahryman Serdarymyz mähriban Watanymyzyň bagtyýar geljegine gönükdirilen öňde durýan wezipeler barada aýtmak bilen, ýaşlara Watanyň uly ynam bildirýändigini, ylym-bilim, saglygy goraýyş, oba hojalygy, medeniýet we beýleki ulgamlarda gazanylýan üstünliklerde ýaş nesilleriň mynasyp ornunyň bardygyny belläp geçdiler.

Türkmenistanyň Halk Maslahaty demokratiýa, aýanlyk, adalatlylyk, kanunyň hökmürowanlygy, halkara hukugyň umumy ykrar edilen kadalaryny ileri tutmak, adamyň



hukuklaryna hem-de azatlyklaryna hormat goýmak, çözgütleri erkin ara alyp maslahatlaşmak, kabul etmek, jemgyýetçilik pikirini nazara almak ýaly mizemez ýörelgelere esaslanyp, onuň esasy maksady ýetilen belent sepgitleri we gazanylan üstünlikleri berkitmekden, döwletimiziň hukuk esaslaryny dünýä tejribesine laýyklykda kämilleşdirmekden, jemgyýetde demokratik däpleri pugtalandyrmakdan hem-de halkyň ýokary durmuş derejesini üpjün etmekden ybaratdyr.

Hormatly Prezidentimiz Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň nobatdaky mejlisinde «Bitarap Türkmenistanyň parahatçylyk we ynanyşmak syýasatynyň hukuk esaslary hakynda» Türkmenistanyň Konstitusion kanunyna gol çekdi. Bu Konstitusion kanun hemişelik Bitarap Türkmenistanyň parahatçylyk we ynanyşmak syýasatynyň hukuk esaslaryny hem-de onuň halkara gatnaşyklarynda durmuşa geçirilmeginiň ýörelgelerini we maksatlaryny kesgitleýär.

Garaşsyzlyk we Bitaraplyk biziň biri-biri bilen berk baglanyşykly milli buýsanjymyzdyr, parahatçylygyň, ynanyşmagyň şöhratly ýoludyr. Ýurdumyzyň başlangyjy bilen Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasynyň Kararnamasy esasynda 2025-nji ýylyň «Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly» diýlip yglan edilmeginiň syýasy ähmiýeti örän uludyr. Munuň özi ýurdumyzda alnyp barylýan «Açyk gapylar» syýasatynyň giňden dabaralanýandygynyň güwäsidir.

**Selbi ÇERKEZOWA,**
*Ýagşygeldi Kakaýew adyndaky Halkara nebit we gaz uniwersitetiniň mugallymy.*

«EDEBIÝAT – DOST-DOGANLYK KÖPRÜSI»
ATLY DÖREDIJILIK BÄSLEŞIGI

Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplygynyň şanly 30 ýyllygy mynasybetli «Zaman-Türkmenistan» gazetiniň redaksiýasy bilen Türkmenistanyň Magtymguly adyndaky Ýaşlar guramasynyň Merkezi Geňeşi tarapyndan orta hünär we ýokary okuw mekdepleriniň talyp ýaşlarynyň arasynda «Edebiýat – dost-doganlyk köprüsi» atly döredijilik bäsleşigi yglan edilýär.

BIZIŇ SALGYMYZ:
Aşgabat şäheri,
1908 (Gündogar köçesi), 10-A jaýy.

ELEKTRON POÇTA:
zamanturkmenistan@sanly.tm

HABARLAŞMAK ÜÇIN TELEFON BELGILERI:
«Zaman-Türkmenistan» gazetiniň redaksiýasy: 28-14-05, 28-14-36.
Türkmenistanyň Magtymguly adyndaky Ýaşlar guramasynyň Merkezi Geňeşi: 44-89-99, 44-88-81.

ZAMAN TÜRKMENISTAN
ESASLANDYRYJYSY –
«ZAMAN–TÜRKMENISTAN» HOJALYK JEMGYÝETI

Sentýabr aýynyň 26-sy, 2025
Gazetiň möçberi 8 sahypa. A-117189
Belgisi: 39/1657
Tiražy: 8105
Bahasy: 4,50 manat

BAŞ REDAKTOR **MYRATDURDY GARJANOW**
JOGAPKÄR KÄTIP **AMANMYRAT BAÝMYRADOW**

BIZIŇ SALGYMYZ: Aşgabat şäheri, 1908 (Gündogar) köçesi, 10-A jaýy.
Tel/Faks: 28-14-05, 28-14-36
web sahypa: www.zamanturkmenistan.com.tm
e-poçta: info.zamanturkmenistan@gmail.com, zamanturkmenistan@sanly.tm

**BELLIK:** Redaksiýamyza gelen hatlar yzyna gaýtarylmaýar. Gazetimizde ýerleşdirilen mahabatlardaky ýazgylaryň mazmunyna mahabat beriji jogapkärdir. Gazet Türkmen döwlet neşirýat gullugynyň Metbugat merkezinde ofset usulynda çap edildi. Çap edilişiniň hiline Metbugat merkezi jogap berýär. Telefony: 399536.

Abuna ýazylmak isleýänler üçin gazetiň indeksi: 69477

Gazetiň PDF nusgasyny QR kod arkaly elektron görnüşde okap bilersiňiz!

# TEBIGAT NÄME ÜÇIN SARY DONA BÜRENÝÄR?!

**Her paslyň özüne mahsus gözelligi bar. Ýaz paslynda tebigat janlanyp, daş-töweregi lälezarlyk gurşap alýan bolsa, tomus pasly özüniň bol nygmatlary bilen hemmeleriň söýgüsini gazanýar. Sary donuny geýip gelýän güýz paslynda ýere düşen gyzgylt ýapraklaryň üstünde ýöremegi, altynsow agaçlaryň aşagynda oturmagy halamaýan ýok bolsa gerek. Güýz pasly, esasan hem, döredijilik we sungat adamlaryna ylham hem-de hyjuw beriji möwsüm hasaplanýar. Güýz paslynda gündizleriň gysgalyp, gijeleriň uzalmagy, ýagynyň ýagmagy, howanyň biraz sowamagy ýaly birnäçe tebigy üýtgeşmeler bolup geçýär. Şolaryň hataryna ýapraklaryň saralmagyny hem goşup bileris. Eýsem, bu pasylda tebigat näme üçin sary dona bürenýärkä?!**



Tebigatyň sary dona bürenmegi ýapragyň düzümindäki hlorofil atly madda bilen baglydyr. Hlorofil ýagtylygy özüne siňdirip, ýapraklaryň reňkli görünmegini üpjün edýär. Güýz paslynda Günden gelýän şöhläniň peselmegi bilen hlorofiliň önümçiligi hem peselýär. Ýaşyl reňki öndürmek üçin ýagtylyk ýetmeýär. Şol sebäpli hlorofiller açyk reňkleri – sary, çalymtyl, gyzgylt reňkleri öndürip başlaýarlar. Güýz paslynda ýapraklaryň «reňklenmegi» diňe bir agajyň görnüşine bagly bolman, eýsem, howanyň temperaturasyna, ýagtylygyň düşüşine we topragyň çyglylygyna hem baglydyr. Şonuň üçin şol bir agajyň ýapragy her ýyl dürli reňkde üýtgäp biler. Käbir agajyň ýapragy bolsa gyzarýar. Mysal üçin, Demirgazyk Amerikada has köp gabat gelýän klýon tokaýlary güýz paslynda owadan gyzyl tebigaty emele getirýär.

### AGAÇLAR NÄME ÜÇIN ÝAPRAGYNY DÖKÝÄR?

Güýz paslynyň gelmegi bilen agaçlar köp mukdarda suw ýitirýärler. Agaçlar gyşda uka gidýändigi sebäpli özüne gerekli ýzgary alyp bilmeýär. Gyşdan öň ösümlikleriň aglaba böleginiň ýapraklary düşýär. Ýapragyň tänen ýeri bolsa, mum gatlagy bilen örtülýär. Bu agaçlaryň sowukdan özüni goramagynyň bir görnüşidir. Suw damjalarynyň sowukda giňelýändigi sebäpli, ýapragyň öýjükleri ýarylýar we fotosintez üçin peýdasyz bolýar. Suwy ýapraga eltýän öýjükler ýapylýar hem-de ýapragyň sapajygy bilen ony saklaýan şahanyň arasynda boş gatlak (abssiýa) ösüp başlaýar. Abssiýa ýapraklaryň gezekli-gezegine «kesilip», ýere gaçmagyna hyzmat edýär. Ýuwaşjadan gaýyp düşýän ýapraklaryň emele getirýän owadan peýzažy güýz paslyna mahsus hadysalaryň biridir.

### SIZ HAÝSY AGAJY HALAÝARSYŇYZ?

Türkmen topragynda tut, çynar, leýlisaç, derek ýaly agaçlar bilen birlikde, akasiýa, klýon, arça agaçlarynyň dürli görnüşi ösdürilip ýetişdirilýär. Agaçlaryň dürli görnüşleriniň ekilmegi ekologiýany ösdürmek bilen bir hatarda, şäherdir obalaryň gözelligini hem artdyrýar. Ýaz, tomus pasyllarynda salkyn saýasy bilen jana rahatlyk berýän agaçlar, güýz paslynda tyllaýy ýapraklara beslenip, adamyň ruhuny göterýär, tebigata bolan söýgüsini artdyrýar. Eýsem, siz sary dona bürenen tebigatda gezelenç etmegi halaýarsyňyzmy? Siziň iň gowy görýän agajyňyz haýsy? Belki-de, ony siziň özüňiz ekensiňiz? Siz ýapraklardan gerbariý ýasap, ýakynlaryňyza sowgat bermegi halaýaňyzmy?

## Sanlary birleşdirip, şekili reňkläň!



## Gyzykly pursat



## Labirint



## Sentýabr aýy barada...

- **Dünýä ýurtlarynyň köpüsinde sentýabr aýy ýylyň başlangyjy hasaplanýar. Munuň sebäbi çagalaryň tomusky dynç alyş möwsüminden soň, täze okuw ýylyna başlaýandygy bilen düşündirilýär.**
- **Demirgazyk ýarym şara güýz pasly (sentýabr) gelende, Günorta ýarym şarda ýaz pasly başlanýar.**
- **Sentýabr aýynyň 22-23-ine gije bilen gündiz deňleşýär. Ýagny Gün ekwatoryň göni üstünde bolýar.**
- **«Sentýabr» sözi latynça «septem» sözünden gelip çykyp, «ýedi» diýmegi aňladýar. Miladydan öňki 750-nji ýyla çenli mart aýy ýylyň birinji aýy bolup, sentýabr aýy ýedinji aý hasaplanypdyr. Ýanwar we fewral aýlarynyň ýyl senenamasyna goşulmagy bilen sentýabr dokuzynjy aýa öwrülýär.**
- **Ilkibaşda sentýabr aýynda 29 gün bolupdyr. Häzirki wagtda dokuzynjy aý 30 günden ybarat.**
- **Dünýäniň köp ýurdunda sentýabr «hasyl aýy» ady bilen tanalýar.**

## Şekilli sudoku



## Galstuk baglamagyň iň aňsat usuly

**Çagalykda köplenç bize kynçylyk döredýän, köp wagtymyzy alýan we keýpimizi gaçyrýan zatlaryň biri hem galstuk baglamakdyr. Göräýmäge çylşyrymly ýaly bolup görünse-de, okuw lybasynyň bu görnüşini baglamagyň kynçylygy ýok. Geliň, galstuk daňmagyň iň aňsat usulyny öwreneliň!**

Ilki bilen galstugyň düwünlerini çözmeli we epinlerini düzetmeli. Soňra suratdaky yzygiderliligi ýerine ýetirmeli. Surata syn edýän bolsaňyz, galstugyň inçelýän (aşak) tarapyny gysgarak edip, uzyn tarapyny inçelýän ýeriň üstünden aşaklygyna 2 gezek aýlamaly (1-2-3-nji surat). 2-nji aýlawdan soň galstugyň ujuny ýokarlygyna çykaryp, aýlawly halkadan aşaklygyna geçirmeli. Emele gelen düwni çekip berkitmeli (4-nji surat).



Şeýlelikde, göze gelşikli şekil emele geldi (5-nji surat). Eger-de siz birinji gezekde galstuk baglamagy başarmasaňyz, gaýtadan birnäçe gezek dykgatly ýagdaýda ýerine ýetirip görüň!

## 6 tapawudy tapyň!





**Ýyly ýurtlara göçüp barýan guşlar görnüşine, ýeliň we tebigy şertlere baglylykda, her gün 300-600 kilometrden, 800 kilometre çenli ýol geçýärler. Göçegçi guşlaryň käbir görnüşi iýmitlenmek we dynç almak üçin 1-2 sagat ýere gonýan bolsa, käbiri 2-3 günläp iýmitlenmezden we dynç almazdan ýoluny dowam edýär.**

## 50-nji KROSSWORD



**DIKLIGINE:** **1.** Aýdyň, äşgär. **2.** Arzuw, niýet. **3.** Ýeterlik. **4.** Özüňden uly erkek dogan. **5.** Hytaý elektroulagy. **6.** Merkezi Amerikada bir döwlet. **7.** Içi depip dykylan, basylyp doldurylan. **11.** Reňk. **12.** Adamyň eňeginiň aşak ýüzi. **13.** «Orakdan soň ...» (nakyl). **14.** Ahal welaýatynda bir etrap. **15.** Geçigaplaň (köne söz). **16.** Bir zat üçin ýörite edilen daşlyk, guty. **22.** Gyz ady. **24.** Belli bir ugurdan işleri amala aşyrmak üçin guralan gurama. **26.** Merkezi Afrikada bir döwlet. **32.** Wada, ant. **34.** Güýçsüz, gowşak. **36.** Bug bilen örtülen tutuk howa, duman. **37.** Balygyň bir görnüşi. **39.** Bir işi ýerine ýetirmek üçin edilýän hereketiň güýji, depgin. **41.** Aktýoryň sahna eseriniň haýsydyr bir gahrymany bolup janlandyrýan keşbi. **43.** Edep-ekram. **45.** Kadaly we özara baglanyşykly hereket edýän gurluş. **47.** Däneli ekin. **49.** Ýüz ýyl. **50.** Pagta süýüminden edilýän ýüplük mata. **51.** Suwuň aşa gyzmagy netijesinde emele gelýän çygly howa. **52.** Ini giň bolmadyk, insiz.

**KESELIGINE:** **8.** Paýhas. **9.** Hor, tapdan düşen. **10.** Adamyň gylyk-häsiýetine, ahlagyna gelşikli, ýaraşykly bolan. **11.** «... kesbi – ogla halal» (nakyl). **15.** Agaç. **17.** «Göz görenine ... eder» (Paýhas çeşmesi). **18.** Bir zat hakynda hat üsti bilen edilýän haýyşnama. **19.** «Altyn alma, ... al» (nakyl). **20.** Közüň üstünde daglanyp bişirilýän et. **21.** Mähriban ynsan. **23.** Gysga, kelte. **25.** Miwe. **27.** Aziýada bir döwlet. **28.** Ortalyk. **29.** Gynanjy aňladýan ümlük. **30.** Salym, pursat. **31.** Hemişe, mydama. **33.** Afrikada bir döwlet. **35.** Bir zat barada edilýän çuňňur oý, dykgat. **38.** Ses, owaz. **39.** Tiz wagtyň içinde, derrew. **40.** Belki, ähtimal. **42.** Pagta gozasynyň içindäki süýümli öýjükler. **44.** Ýakmak üçin böleklenen, owradylan ojar, çeti-çerkez ýaly ösümlikler. **46.** «Merdiwansyz ... üstüne çykylmaz» (nakyl). **48.** Atyň toýnagyna kakylýan ýarym aýlaw demir. **53.** Ülňi, şekil. **54.** Karib deňzinde ýerleşýän ada. **55.** Hyjuw, joşgun.

**Nurmyrat ORAZOW,**
*S.A.Nyýazow adyndaky Türkmen oba hojalyk uniwersitetiniň talyby.*

## 36-njy SKANWORD



**Kuwwat ATAÝEW,** *Türkmenistanyň Telekommunikasiýalar we informatika institutynyň talyby.*

34-nji skanwordyň jogaby:



35-nji skanwordyň jogaby:



# 16-njy tapgyryň duşuşyklary geçirildi

Türkmenistanyň futbol boýunça milli çempionatynda wagty süýşürilen 16-njy tapgyryň duşuşyklary geçirildi. Sanawyň lideri «Arkadag» topary öz meýdançasynda «Ahal» toparyndan 4-1 hasabynda üstün çykdy. Duşuşykda «Ahal» topary 8-nji minutda Ýakupmuhammet Gowşudowyň goly bilen öňe geçen hem bolsa, ýer eýeleriniň futbolçylary 2-nji ýarymda 4 gezek tapawutlandylar. Şol gollary Didar Durdyýew (60), Şamämmet Hydyrow (63, 72) hem-de Altymyrat Annadurdyýew (68) öz atlaryna ýazdyrdylar.

Galan 3 duşuşygyň 2-sinde myhmanlar ýeňiş gazandy. «Altyn Asyr» topary myhmançylykda «Nebitçi» toparynyň derwezesinden jogapsyz 3 gol girizdi. Gollary 26-njy minutda Ruslan Täjiýew bilen 50-nji we 60-njy minutlarda Myrat Annaýew geçirdi.

«Aşgabat» bilen «Şagadamyň» arasyndaky oýunda Türkmenbaşy şäheriniň wekili Yhlas Magtymowyň 21-nji minutda geçiren ýeke-täk goly esasynda ýeňşini baýram etdi.

«Köpetdag» bilen «Merwiň» arasyndaky oýunda bolsa hasap açylmady. Oýunda baş emin 8 gezek sary kartyny asmana göterdi.

**TÜRKMENISTANYŇ MILLI ÇEMPIONATY**

| Or. | TOPARLAR | O | Ý | D | U | GOL | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | «ARKADAG» | 21 | 21 | 0 | 0 | 88—13 | 63 |
| 2 | «ALTYN ASYR» | 21 | 11 | 4 | 6 | 33—26 | 37 |
| 3 | «ŞAGADAM» | 20 | 9 | 6 | 5 | 23—24 | 33 |
| 4 | «AHAL» | 17 | 10 | 2 | 5 | 32—18 | 32 |
| 5 | «NEBITÇI» | 21 | 6 | 5 | 10 | 16—29 | 23 |
| 6 | «AŞGABAT» | 20 | 5 | 2 | 13 | 16—40 | 17 |
| 7 | «MERW» | 20 | 2 | 5 | 13 | 9—31 | 11 |
| 8 | «KÖPETDAG» | 20 | 2 | 4 | 14 | 13—49 | 10 |

# Werstappen tijenip başlady



Formula 1 boýunça möwsümiň 17-nji ýaryşy Azerbaýjanyň paýtagty Baku şäheriniň köçelerinde geçirildi. Ýaryşda ilkinji hatardan bat alan «Red Bull» toparynyň niderland sürüjisi Maks Werstappen ýeňiji boldy. 51 aýlawy 1 sagat 33 minut 26,408 sekuntda tamamlan Werstappen bassyr 2-nji, möwsümdäki 4-nji, karýerasy boýunça-da 67-nji ýeňşini gazandy. Ýaryşda ýeňijiden 14,609 sekunt yza galan «Mercedes» toparynyň britan sürüjisi Jorj Rassell 2-nji, 19,199 sekunt soň pellehana gelen «Williams» toparynyň ispan piloty Karlos Saýns Junior 3-nji orny eýeledi.

«McLaren» toparynyň çempionlyk üçin göreşýän sürüjilerinden Lando Norris ýaryşy 7-nji orunda tamamlady. Oskar Piastri bolsa ulagynda dörän näsazlyk sebäpli ýaryşa başlap hem bilmedi.

Geçirilen 17-nji ýaryşdan soň Piastri 324 utuk bilen sürüjileriň sanawynda 1-nji orunda barýar. 2-nji ýerdäki Norrisiň 299 utugy bar. Yzly-yzyna 2 ýaryşda ýeňiş gazanyp, möwsümiň tamamlanmagyna 7 ýaryş galanda täzeden çempionlyk ýaryşyna goşulan Werstappeniň utugy 255-e ýetdi.

Möwsümiň 18-nji ýaryşy 5-nji oktýabrda Singapurda geçiriler.

# SPORT TÄZELIKLERI

● Hytaýyň Şençžen şäherinde geçirilen zenan milli ýygyndylaryň arasyndaky «Billie Jean King Cup» tennis ýaryşynda italýanlar çempionlyga ýetdi. Elizabetta Koççaretta, Jasmin Paolini, Sara Errani dagydan düzülen topar finalda amerikaly tennisçileri 2 oýunda ýeňlişe sezewar etdi. Ýagny Koççaretta Emma Nawarrony 6:4, 6:4, Paolini bolsa Jessika Pegulany 6:4, 6:2 hasaplar bilen ýeňmegi başardy. 62-nji gezek geçirilen ýaryşda Italiýanyň ýygyndysy bassyr 2-nji, umumylykda-da 6-njy çempionlygyny baýram etdi. 18 çempionlygy bolan ABŞ-nyň ýygyndysy 13-nji gezek finalda ýeňildi.



● Dünýäniň 6 uly marafon ýaryşynyň biri bolan Berlin marafon ylgawynda keniýaly ylgaýjylar ýeňiş gazandy. Erkekleriň arasynda Sebastian Sawe 2 sagat 2 minut 16 sekuntda pellehana gelmegi başardy. Ol ýaponiýaly Akira Akasakiden hem-de efiopiýaly Çimdessa Debeleden öňe saýlandy. Zenanlaryň arasynda keniýaly Rouzmeri Wanjiru ýaryşy 2 sagat 21 minut 5 sekuntda tamamlamagy başardy. Bu onuň Tokio 2023-den soň uly marafonlardaky 2-nji ýeňşidir. Zenanlaryň arasynda efiopiýaly Dera Dida bilen Azmera Gebru 2-3-nji orunlary eýelediler.



● Horwatiýanyň paýtagty Zagrebde geçirilen göreş boýunça Dünýä çempionatynda ýaponiýaly pälwanlar öňe saýlandy. Medal sanawynda eýranly pälwanlar bilen ýiti göreş alyp baran ýaponiýaly göreşijiler 7 altyn, kümüşdir bürünç medallaryň hem hersinden 3, jemi 13 medal gazandylar. Ýaponiýanyň gazanan 7 altyn medalynyň 5-sini zenan göreşijiler gazanmagy başardy. Eýranly türgenler 6 altyn, 4 kümüş, 5 bürünç, jemi 15 medala eýelik etdiler. Amerikaly göreşijiler 4 altyn, 1 kümüş, 3 bürünç, jemi 8 medal bilen 3-nji orny eýelediler.

# 20-nji DÜNÝÄ ÇEMPIONATY TAMAMLANDY

**Ýaponiýanyň paýtagty Tokioda geçirilen ýeňil atletika boýunça 20-nji Dünýä çempionaty tamamlandy. 9 günläp dowam eden çempionatda medal sanawynda amerikaly ýeňil atletikaçylar 1-nji orny eýelediler. ABŞ-ly türgenler 16 altyn, kümüşdir bürünç medallaryň hem hersinden 5, jemi 26 medal gazandylar. Keniýadan baran ýeňil atletikaçylar 7 altyn, 2 kümüş, 2 bürünç, jemi 11 medal bilen çempionaty tamamladylar. Esasan hem, uzak aralyklara ylgamakda keniýalylara taý tapylmady. Kanadanyň ýeňil atletikaçylary 3 altyn, kümüşdir bürünç medallaryň hem hersinden birini gazanyp, 3-nji orny eýelediler. Çempionatda 20 ýurduň wekilleri azyndan 1 altyn, şol sanda 53 ýurduň wekilleri-de azyndan 1 medal gazanmagy başardy. Çempionatyň dowamynda şwesiýaly syrykly bökmegiň ussady Arman Duplantisden başga dünýä rekordyny täzelän türgen bolmady. Çempionatyň 9 rekordy, şol sanda 62 sany milli rekord täzelendi.**







Erkekleriň arasynda 200 metr ylgawda amerikaly Noa Laýlz ýeňiş gazanyp, bassyr 4-nji çempionlygyny baýram etdi. Ol ýamaýkaly meşhur Usain Boltdan soň bu ugurda yzly-yzyna 4 çempionlyk gazanan 2-nji ylgaýjy hökmünde taryha girdi. 800 metre ylgamakda keniýaly Emmanuel Wanýoni 1 minut 41,86 sekuntda pellehana gelip, altyn medalyň üstüni çempionatyň rekordy bilen ýetirdi. Geçen çempionatyň ýeňijisi kanadaly Marko Arop bu gezek alžirli Jamel Sejatiden soň 3-nji orny eýeledi.

1500 metr ylgawda portugaliýaly Isaak Nader garaşylmadyk ýagdaýda çempionlyk gazandy. Ol bu ugurda altyn medal gazanan ilkinji portugaliýaly türgen boldy.

4x100 metr estafeta bäsleşiginde amerikaly sprinterler bassyr 2-nji, umumylykda-da 10-njy gezek Dünýäniň çempiony bolmagy başardy. Kanada 2-nji, Niderlandlar 3-nji orny eýeledi. Toparlaýyn 4x400 metr estafeta ýaryşynda botswanaly sprinterleriň ýeňiş gazanmagy taryhy waka boldy. Botswana toparlaýyn ylgaw ýaryşlarynda altyn medal gazanan ilkinji Afrika wekili hökmünde hasaba alyndy.

Marafon ylgawynda tanzaniýaly Alfonso Felsik Simbu ýeňiji boldy. Bu ýeňiş çempionatyň taryhynda tanzaniýaly ýeňil atletikaçylaryň ilkinji altyn medaly hökmünde hasaba alyndy.

Üçürdikläp bökmekde portugaliýaly Pedro Pikardo soňky synanyşygynda italiýaly Andrea Dallawalleden öňe geçip, 2022-nji ýyldan soň 2-nji altyn medalyny gazandy. Disk zyňmakda şwesiýaly Daniel Stola ýene-de taý tapylmady. Ol bassyr 2-nji, umumylykda-da 3-nji gezek çempionlyk gazanmagy başardy (2019, 2023, 2025). Litwaly Mikolas Alekna ýene-de kümüş medal bilen oňňut etmeli boldy. Naýza zyňmakda Trinidad we Tobagonyň wekili Keşorn Walkott altyn medala eýelik etdi. Ol 2012-nji ýylda London Olimpiadasynda-da altyn medal gazanypdy. 2019-njy we 2022-nji ýyllaryň çempiony, grenadaly Anderson Peters bu gezek münberiň 2-nji basgançagyna çykdy.

Dekatlonda (10 görnüşli) germaniýaly Leo Nogebauer altyn, puerto-rikoly Aýden Owens-Delerme kümüş, amerikaly Kaýl Garland bürünç medalyň eýesi boldy.

### 3 ALTYN MEDAL GAZANDY

● Zenanlaryň arasynda 200 metre ylgamakda amerikaly Melissa Jefferson-Wuden altyn medalyň eýesi boldy. Ol 100 metre ylgamakda-da çempionatyň rekordyny täzeläp, altyn medal gazanypdy. Ol germaniýaly Silke Gladiş bilen Katrin Grabbeden hem-de ýamaýkaly Şelli-Ann Fraýser-Praýsdan soň bu 2 ugurda goşa çempionlyk gazanan 4-nji zenan ýeňil atletikaçy boldy. Melissa Jefferson-Wuden Tokio 2025-den 3 altyn medal bilen dolandy.



400 metr ylgawda amerikaly Sidni MakLaflin-Lewron 47,78 sekuntda pellehana gelip, altyn medalynyň üstüni çempionatyň rekordy bilen ýetirdi. Ol 42 ýyldan soň çempionatyň rekordyny täzeläp, dünýäde bu ýaryşy 48 sekuntdan öň tamamlan 3-nji zenan türgen boldy. Onuň Dünýä çempionatlaryndaky altyn medallarynyň sany 5-e ýetdi.

Päsgelçilikli 400 metr ylgaw ýaryşynda niderland türgeni Femke Bol bassyr 2-nji altyn medalyny boýnuna dakdy. 800 metr ylgawda erkekleriň arasynda bolşy ýaly, zenanlaryň arasynda hem altyn medaly keniýaly türgen gazandy. Keniýaly Lilian Odira çempionatyň rekordyny täzeläp (1:54,62 minut), altyn medala mynasyp boldy. Britaniýaly Niderlandlar bürünç medala mynasyp boldy.

Ispaniýaly türgen Mariýa Peres 20 hem-de 35 kilometrlik ýaryşlarynda altyn medala mynasyp bolup, ol Budapeştdäki üstünligini Tokioda hem gaýtalamagy başardy.

Beýikligine bökmekde awstraliýaly Nikolas Olislagers altyn medala mynasyp boldy. Bu onuň ilkinji altyn medalydyr. Polşaly Mariýa Žodzigiň kümüş medal alan ýaryşynda geçen ýaryşyň çempiony, ukrainaly Ýaroslawa Maguçih bürünç medal bilen oňňut etmeli boldy. Ol bürünç medaly serbiýaly Angelina Topiç bilen paýlaşdy. Üçürdikläp bökmekde wenesuelaly meşhur türgen, dünýä rekordynyň eýesi, Olimpiýa çempiony Ýulimar Rohas bassyr 5-nji çempionlygyny gazanyp bilmedi. Bu gezek 3-nji ýer bilen oňňut etmeli bolan Rohasa derek kubaly Leýanis Peres altyn medaly eýelemegi başardy. Bu ugurda dominikaly Tea LaFond 2-nji orna mynasyp boldy. Naýza zyňmakda ekwadorly Juleisi Anhulo milli rekordy täzeläp, altyn medaly eýeledi.





Olimpiýa çempiony Kili Hojkinson bu gezek çempionlyk gazanyp bilmedi. Keniýaly Beatris Çebet 10 000 metr ylgawdan soň, 5000 metre ylgamakda-da altyn medalyň eýesi boldy.

4x100 metr estafeta ýaryşynda amerikaly zenanlara bassyr 3-nji, umumylykda 10-njy gezek taý tapylmady. 100 we 200 metr ylgawlaryň çempiony Melissa Jefferson-Wuden bassyr 3-nji altyn medalyny gazandy.

4x400 metr estafeta ylgawynda-da ABŞ-nyň ýygyndysy altyn, Ýamaýka kümüş, soňky çempion

Heptatlonda (7 görnüşli) amerikaly Anna Holl 6888 utuk bilen ýeňiji boldy. Ol bu ugurda 35 ýyldan soň altyn medal gazanan ilkinji ýeňil atletikaçy diýlip hasaba alyndy.

# DEMBELE «ALTYN TOP» BAÝRAGYNYŇ EÝESI

Futbolyň iň uly şahsy sylagy hasaplanýan «Altyn top» (Ballon d'Or) baýragynyň bu ýylky ýeňijisi mälim edildi. Parižde 69-njy gezek geçirilen dabarada «Altyn top» baýragynyň çäginde başga-da birnäçe baýraklar ýeňijilerine gowşuryldy.

Netijede, 2025-nji ýyl üçin «Altyn top» baýragynyň ýeňijisi diýlip, PSŽ-niň fransiýaly ýyldyzy Usman Dembele saýlandy. Braziliýaly meşhur futbolçy Ronaldinionyň açan bukjasyndan 28 ýaşyndaky futbolçynyň ady çykdy. Ol bu ugurda Lamin Ýamal bilen topardaşy Witinýany yzda galdyrdy. Geçen möwsümde «Ligue 1»-de iň köp gol salan 2 futbolçynyň biri bolan Dembele 2024/25 möwsüminde PSŽ-niň düzüminde 53 oýunda 35 gezek tapawutlandy. Ol bu baýragy gazanan 6-njy fransuz futbolçysy bolup, ondan öň Kopa, Platini, Papen, Zidan hem-de Benzema dagy «Altyn top» baýragyny alypdylar. Şol bir wagtyň özünde Messiden soň bu baýragy gazanan 2-nji PSŽ-li futbolçy hökmünde hasaba alnan Dembele Dünýä Kubogyny, Çempionlar Ligasynyň çempionlygyny hem-de «Altyn topy» gazanan 10-njy futbolçy hökmünde adyny taryha ýazdyrdy. Ondan öň Bobbi Çarlton, Frans Bekkenbauer, Gerd Müller, Paolo Rossi, Zinedin Zidan, Kaka, Ronaldinio, Riwaldo, Lionel Messi şeýle statistika ýetipdi.





Zenanlaryň arasynda baýragyň ýeňijisi soňky 2 ýylda bolşy ýaly bu gezek hem üýtgemedi. «Barselona» toparynyň 27 ýaşyndaky ýyldyzy Aitana Bonmati bassyr 3-nji gezek «Ballon d'Or Feminin» baýragynyň eýesi boldy. Ol bu baýragy yzly-yzyna 3 gezek gazanan ilkinji zenan futbolçy hökmünde taryha girdi. Baýragy soňky 5 ýylda «barselonaly» 2 futbolçy özara paýlaşdy. Bonmatiden öň Aleksia Putelýas baýragy 2 gezek eýeläpdi.

Ýaşlaryň arasyndaky iň ökde futbolça berilýän «Kopa Trophy» baýragyna «Barselonanyň» ýyldyzy Lamin Ýamal laýyk görlüp, ol Desire Due bilen Žoao Neweşden öňe saýlanmagy başardy. Ýamal bu baýragy yzly-yzyna 2 gezek gazanan ilkinji futbolçy bolup, baýrak soňky 5 ýylda 4-nji sapar «barselonaly» futbolçylara gowşuryldy.



«Kopa Trophy» baýragynyň zenanlaryň arasyndaky ýeňijisi diýlip, ýene-de «Barselona» toparyndan ispaniýaly ýarymgoragçy Wiki Lopes saýlandy.

Iň ökde derwezeçä berilýän «Yashin Trophy» baýragynyň bu gezekki eýesi italiýaly derwezeçi Janluiji Donnarumma boldy. Ol awgust aýynda PSŽ-den «Mançester Siti» toparyna transfer bolupdy. Donnarumma baýragy 2-nji gezek alyp, ol 2021-nji ýylda-da eýeläpdi. Donnarumma soňky 2 ýylyň ýeňijisi Emiliana Martinesden soň bu baýragy 2 gezek gazanan 2-nji derwezeçi boldy.



Ýylyň iň ökde zenan derwezeçisi hökmünde «Çelsi» toparynyň iňlis derwezeçisi Hanna Hampton saýlanyp, ol «Yashin Trophy» baýragyna mynasyp görüldi.

Geçen möwsümiň iň köp gol geçiren futbolçysy, şwesiýaly hüjümçi Wiktor Gýökereş rowaýaty futbolçy «Gerd Müller Trophy» baýragy bilen sylaglandy. Tomusda «Sportingden» «Arsenala» transfer bolan Gýökereş geçen möwsümde 53 gol geçiripdi.

Zenanlaryň arasynda bu baýraga «Barselona» toparynyň polşaly hüjümçisi Ewa Paýor laýyk görüldi. Ol geçen möwsümde 43 goly derwezä girizdi.

Ýylyň iň ökde tälimçilerine berilýän «Johan Cruyff Trophy» baýragyna erkeklerden PSŽ-niň tälimçisi, ispaniýaly hünärmen Luis Enrike, zenanlardan Angliýanyň milli ýygyndysynyň tälimçisi, niderland hünärmeni Sarina Wigman laýyk görüldi.

PSŽ topary ýylyň iň gowy erkek kluby, «Arsenal» ýylyň iň gowy zenan kluby diýlip saýlandy.

### Hepdäniň esasy duşuşyklary

| 26-njy sentýabr (anna) |
|---|
| Alanýaspor – Galatasaraý (22:00) |
| Bawariýa – Werder (23:30) |
| Strasbur – Marsel (23:45) |

| 27-nji sentýabr (şenbe) |
|---|
| **Brentford – Man. Ýunaýted (16:30)** |
| Maýns – Borussiýa D (18:30) |
| Sankt-Pauli – Baýer (18:30) |
| **Kristal Palas – Liwerpul (19:00)** |
| Mançester Siti – Börnli (19:00) |
| **Çelsi – Braýton (19:00)** |
| **Atletiko – Real Madrid (19:15)** |
| **Ýuwentus – Atalanta (21:00)** |
| Kaliari – Inter (23:45) |
| Tottenham – Wulwerhempton (00:00) |
| **Wilýarreal – Atletik (00:00)** |
| PSŽ – Oser (00:05) |

| 28-nji sentýabr (ýekşenbe) |
|---|
| Roma – Werona (18:00) |
| **Lill – Lion (20:15)** |
| **Nýukasl – Arsenal (20:30)** |
| **Barselona – R. Sosiedad (21:30)** |
| **Milan – Napoli (23:45)** |

# «Liwerpulyň» hem-de «Real Madridiň» ýitgisiz ýörişi dowam edýär

**Angliýanyň çempionaty «Premier Ligada»** 5-nji tapgyryň duşuşyklary geçirildi. Tapgyryň merkezi oýnunda «Mançester Siti» bilen «Arsenal» duşuşyp, oýunda ýeňiş gazanan bolmady. Holannyň



9-njy minutdaky goluna londonlylar 90+3-nji minutda Martinelliniň owadan goly bilen jogap berdi. Mançester şäheri bilen Londonyň beýleki 2 güýçli toparlarynyň arasyndaky oýunda «Mançester Ýunaýted» öz meýdançasynda «Çelsini» 2–1 hasabynda ýeňlişe sezewar etdi. Bruno Fernandeş (14) bilen Kazemironyň (37) gollary esasynda ýeňiş gazanan «Ýunaýted» möwsümdäki 2-nji ýeňşini gazandy. «Çelsiniň» ýeke-täk goluny 80-nji minutda Çaloba öz adyna ýazdyrdy. Duşuşygyň 5-nji minutynda «Çelsiniň» derwezeçisi Robert Sançes, şol sanda 45+5-nji minutda «Ýunaýtedden» Kazemiro 2-nji sarydan soň gyzyl kart aldy.

Sanawyň ýeňlişsiz lideri «Liwerpul» öz meýdançasynda Mersisaýd derbisinde «Ewertony» Grawenberh hem-de Ekitikeniň gollary bilen 2–1 hasabynda ýeňdi. «Tottenham» myhmançylykda «Braýton» bilen 2–2 hasabynda deňme-deň oýnady. Çempionatda «Liwerpul» bilen «Kristal Palasyň» ýeňlişsiz ýörişi dowam edýär.

**Ispaniýanyň çempionaty «La Ligada»** soňky 7 günüň dowamynda 5-6-njy tapgyryň duşuşyklary geçirildi. 5-nji tapgyrda «Espanýoly», 6-njy tapgyrda-da myhmançylykda «Lewanteni» 4–1 hasabynda ýeňen «Real Madrid» 18 utuk bilen öňde barýar. «Espanýol» toparynyň derwezesinden Militao bilen Mbappe, «Lewante» duşuşygynda-da gollary Winisius, Mastantuono hem-de Mbappe (2) geçirdi. Mbappeniň çempionatdaky gollarynyň sany 7-ä ýetdi. «Malýorka» bilen 1–1 deňme-deň oýnan «Atletiko Madrid» öz meýdançasynda «Raýo Wallekanony» Hulian Alwaresiň het-trigi (15, 80, 88) esasynda 3–2 hasabynda ýeňdi.



«Barselona» 5-nji tapgyrda «Hetafeniň» derwezesinden jogapsyz 3 gol girizdi. Gollary Ferran Torres (2) bilen Dani Olmo öz atlaryna ýazdyrdylar.

**Fransiýanyň çempionaty «Ligue 1»-de** «Le Classique» derbisinde «Marsel» öz meýdançasynda PSŽ-den 1–0 hasabynda üstün çykdy. Ýeke-täk goly 5-nji minutda Agerd öz adyna ýazdyrdy. Şunlukda, «Ligue 1»-de ýeňlişsiz topar galmady. Ýagny ähli topar hem ilkinji 5 tapgyrda ýeňlişe sezewar boldy. «Monako» öz meýdançasynda «Mets» toparyny 5–2 hasabynda ýeňmegi başardy. Duşuşykda ýer eýeleriniň 2 goluny Ansu Fati derweze girizdi. «Lion» bolsa 44 437 janköýeriň şaýatlygynda «Anže» toparyny Tessmannyň 65-nji minutda geçiren ýeke-täk goly bilen utup, 5-nji duşuşygynda 4-nji ýeňşini gazandy.

**Italiýanyň çempionaty «Serie A»-da** çempion «Napoli» öz meýdançasynda kynlyk bilenem bolsa «Pisa» toparyndan 3–2 hasabynda üstün çykdy (Gilmor 39, Spinazzola 73, Lukka 82 — Nzola 59 p, Lorran 90). «Ýuwentusyň» myhmançylykda «Werona» bilen deňme-deň (1–1) oýnan tapgyrynda «Milan» myhmançylykda «Udinezeni» Pulişiç (2) hem-de Fofananyň gollary esasynda 3–0 hasabynda utdy.



**Germaniýanyň çempionaty «Bundesligada»** sanawyň ýeňlişsiz lideri «Bawariýa» myhmançylykda «Hoffenhaýmdan» 4–1 hasabynda üstün çykdy. Duşuşykda Harri Keýn het-trik edip (44, 48 p, 77 p), toparynyň uly hasaply ýeňiş gazanmagyna saldamly goşant goşdy. Dortmundyň «Borussiýasy» öz meýdançasynda «Wolfsburgy» Adeýeminiň 20-nji minutda geçiren ýeke-täk goly bilen 1–0 hasabynda ýeňdi.

# BMG 80 ÝYLLYGYNY BELLEÝÄR

Şu ýyl dünýäniň iň uly hökümetara guramasy bolan Birleşen Milletler Guramasynyň döredilenine 80 ýyl dolýar. Her ýylyň sentýabr aýynda bolşy ýaly, BMG-niň Baş Assambleýasynyň 80-nji sessiýasynyň çäklerinde ýokary derejeli hepdelik öz işine başlady. 29-njy sentýabra çenli dowam etjek hepdeligiň çäklerinde dürli çäreler, duşuşyklar, pikir alyşmalar geçiriler. Ýokary derejeli hepdelige gatnaşmaga baran dünýäniň 150-den gowrak ýurdundan döwlet we Hökümet Baştutanlary Baş Assambleýada çykyş edip, ýolbaşçylyk edýän ýurdunyň ileri tutýan garaýyşlaryny dünýä jemgyýetçiliginiň dykgatyna ýetirýärler. Sessiýalara ministrler we beýleki döwlet işgärleri hem gatnaşýarlar.

Mälim bolşy ýaly, şu ýylyň 9-njy sentýabrynda BMG-niň Baş Assambleýasynyň 80-nji sessiýasy öz işine başlady. «Iň gowusy bilelikde: 80 ýyl parahatçylygyň, ösüşiň we adam hukuklarynyň hatyrasyna» atly şygar bilen geçirilýän ýubileý sessiýa 2026-njy ýylyň 8-nji sentýabrynda tamamlanar. Mejlis Baş Assambleýanyň täze başlygy, Germaniýanyň ozalky daşary işler ministri Annalena Berbokyň çykyşy bilen açyldy. Sessiýada çykyş eden Berbok BMG-niň ýörelgeleriniň her dürli şertlerde goramaklaryny dowam etdirjekdiklerini belledi. Başlyk dünýäniň BMG bolmazdan hiç hili ýagdaýda has gowy bolup bilmejekdigine, zerurlyk duýlan ugurda BMG-den başga alternatiwanyň ýokdugyna ünsi çekdi. Ol BMG-niň dünýädäki ähli ýurtlary bir ýere jemläp biljek ýeke-täk gurama bolmagynda galýandygyny aýtdy.



Annalena Berbok bu wezipä ýeke-täk dalaşgär hökmünde teklip edilipdi. Ol bu wezipäni ýerine ýetirýän 5-nji zenan ýolbaşçydyr. BMG-niň Baş Assambleýasynyň başlygy BMG-niň Howpsuzlyk Geňeşiniň hemişelik agzalaryndan başga, BMG-ä agza ýurtlaryň arasyndan bir ýyl möhlet bilen saýlanýar. Berbok gender deňligini we klimaty goramagy özüniň ileri tutýan ugurlary diýip hasaplaýar.

Berbok täze sessiýada esasy maksatlary bolan parahatçylyk, howpsuzlyk, durnuklylyk, ösüş we adam hukuklary ugurlarynda işlemeklerini dowam etdirjekdiklerini belläp, bu ugurda çetleşdirilmezden, BMG-niň Baş Assambleýasyna agza 193 ýurda we gurama hyzmat etjekdigine wada berdi.

BMG-niň Baş sekretary Antoniu Guterriş hem eden çykyşynda Baş Assambleýanyň 5-nji zenan başlygy hökmünde saýlanan Berboky gutlap, Germaniýanyň ozalky daşary işler ministri hökmünde diplomatik tejribesini bu wezipesinde peýdalanjakdygyny aýtdy.

**Agzalaryň sany**

● 1945-nji ýylda 51 agza bilen döredilen gurama häzirki wagtda 193 döwlet agza bolup durýar. Şeýle hem Palestina we Watikan synçy döwlet statusyna eýe. Baş Assambleýada Ýewropa Bileleşiginiň wekili hem çykyş edýär. Ýewropa Bileleşigi BMG-niň giňeldilen synçy statusyna eýedir. Bu status Ýewropa Geňeşiniň Başlygyna Ýewropa Bileleşigine agza ýurtlaryň adyndan çykyş etmegine mümkinçilik berýär. ÝB beýleki BMG-ä agza ýurtlar ýaly ses bermäge hukugy ýok, emma teklip bermek, çekişmelere gatnaşmak we teswir bermek ýaly hukuklara eýe.

Baş Assambleýanyň münberinde edilýän çykyşlar dünýä ýurtlarynyň arasyndaky dost-doganlygy ilerletmek, parahatçylygy, azatlygy üpjün etmek, klimatyň zaýalanmagynyň öňüni almak ýaly meseleleriň çözgüdini tapmak üçin uly mümkinçilik döredýär.

Baş Assambleýa ähli ýurtlaryň ýolbaşçylaryna deň derejede çykyş etmäge mümkinçilik berýär. Köp ýyllyk däbe görä, ilki bilen, Braziliýanyň Prezidenti çykyş edýär. Munuň sebäbi BMG-niň döredilen ilkinji ýyllarynda Braziliýanyň ilki bilen çykyş etmegi hasaplanýar. Ikinji çykyş gezegi bolsa, ýer eýesi hökmünde ABŞ-a berilýär.

Soňra bolsa, söz nobaty beýleki ýurtlaryň döwlet Baştutanlaryndan başlap, wezipesine we ýüz tutan gezegine görä, Premýer-ministrlere, ministrlere we beýleki wekillere berilýär.

BMG-niň Nýu-Ýorkdaky ştab-kwartirasynda Baş Assambleýada edilýän çykyşlardan başga-da dürli çäreler geçirilýär. Dünýä ýurtlarynyň dürli derejeli wekilleri adamzadyň ýüzbe-ýüz bolýan meselelerine we olaryň öňüni almaga çözgüt gözleýärler. Bu ýylky ýygnaklarda howanyň üýtgemegi, gender deňligi we emeli aň sebäpli ýüze çykyp biljek meseleler ara alnyp maslahatlaşylýar.

Maksatnamada Dördünji Bütindünýä zenanlar konferensiýasynyň 30 ýyllygy mynasybetli ýokary derejeli duşuşyklar hem geçirilýär. Birinji Bütindünýä zenanlar konferensiýasy 1975-nji ýylda Meksikada geçirilipdi. Dördünji Bütindünýä zenanlar konferensiýasy bolsa, 1995-nji ýylda geçirilip, onda dünýäniň ähli ýerinde ýaşaýan zenanlar üçin deňligiň, ösüşiň we parahatçylygyň üpjün edilmegi maksat edinilipdi.

Ýeri gelende bellesek, şu ýylky zenanlar konferensiýasyna ýurdumyzyň wekiliýeti hem gatnaşdy.

**Taryhy**

● 1945-nji ýylyň 24-nji oktýabry iri halkara guramasynyň döredilen güni bolup, Birleşen Milletler Guramasynyň güni hökmünde bellenilýär. Bu gurama dünýäde parahatçylygy, erkinligi, azatlygy, döwletleriň biri-birine bolan ynamyny döretmek maksady bilen döredilýär. Geçen asyryň ortalarynda dünýä döwletleriniň tagallalarynyň birleşdirilmegi netijesinde Ýer ýüzünde ählumumy howpsuzlygyň täze binýadyny döretmäge bolan ymtylmalar halkara guramanyň döredilmegine esas bolýar. Halkara Gurama häzirki wagtda dünýäniň garaşsyz ýurtlarynyň ählisi agza bolup durýar.

Garaşsyz Türkmenistan ösüşiniň ilkinji günlerinden başlap daşary ýurt döwletleri bilen diplomatik gatnaşyklary ýola goýup, abraýly halkara guramalaryň, ilkinji nobatda bolsa, Birleşen Milletler Guramasynyň agzasy boldy.

BMG-niň Nýu-Ýorkuň Manhetten etrabynda Gündogar derýasynyň kenaryndaky ştab-kwartirasy 1949-1952-nji ýyllar aralygynda gurulýar. Binalar toplumynyň çäginde Sekretariatyň jaýy, 1800 orunlyk Baş Assambleýanyň zaly, Maslahatlar jaýy, Dag Hammarşýold adyndaky kitaphana bar. Şeýle hem toplumyň howlusynda dürli ýurtlardan getirilen sungat eserleri bar. Bu toplum halkara çäk hasap edilip, halkara diplomatiýanyň merkezidir.

BMG-niň Baş Assambleýasynyň ilkinji mejlisi 1946-njy ýylyň 10-njy ýanwarynda Londonda açylýar. Şol gün 1920-nji ýylda döredilip, 1946-njy ýylyň 18-nji aprelinde ýatyrylan Milletler Ligasynyň döredilmeginiň 26 ýyllygyna gabat gelýär. Halklaryň arasynda parahatçylyk we hyzmatdaşlyk boýunça hereket eden Milletler Ligasynyň maliýe serişdeleri we borçnamalary BMG-ä geçirilýär.

Baş Assambleýanyň sessiýalary ilki Londonda, soňra Parižde geçirilýär. 1952-nji ýyldan soňra bolsa, her ýyl diýen ýaly, Nýu-Ýorkdaky ştab-kwartirada geçirilýär. Guramanyň esasy wezipesi halkara parahatçylygy we howpsuzlygy saklamakdan, adam hukuklaryny goramakdan, ynsanperwer kömeklerini ugratmakdan, durnukly ösüşi we klimatyň üýtgemeginiň öňüni almaga goldaw bermekden ybarat.

**Sanlar we maglumatlar**

Halkara gurama Afrikadan 54, Aziýa-Ýuwaş ummany sebitinden 55, Gündogar Ýewropadan 23, Latyn Amerikasyndan we Karib sebitinden 33, Günbatar Ýewropadan we beýleki ýerlerden 28 ýurt agza bolup durýar.

Building Our Future Together

# Türkmenistan — BMG: parahatçylyk we ynanyşmak

Türkmenistanyň daşary syýasaty hemişelik Bitaraplyk ýörelgelerine esaslanýar. Bu ýörelge diňe bir döwletimiziň milli bähbitlerini däl, eýsem, halkara giňişliginde parahatçylykly hyzmatdaşlygy hem ösdürýär. 1995-nji ýyldan bäri Birleşen Milletler Guramasy Türkmenistanyň Bitaraplygyny 3 gezek ýörite Kararnama bilen goldady. Bu bolsa ýurdumyza dünýä derejesinde ynam bildirilýändigini görkezýär. Türkmenistanyň başlangyjy bilen kabul edilen ýene bir wajyp resminama 2025-nji ýyly «Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly» diýip yglan etmek hakyndaky Kararnamadyr. Bu başlangyç hormatly Prezidentimiz tarapyndan öňe sürlüp, BMG-niň Baş Assambleýasynda biragyzdan goldanyldy. 2025-nji ýylda iki sany möhüm sene – Türkmenistanyň Bitaraplygynyň 30 ýyllygy we BMG-niň esaslandyrylmagynyň 80 ýyllygy bellenilýär. Bu iki ýubileý senäniň gabat gelmegi Türkmenistan bilen BMG-niň arasyndaky taryhy arabaglanyşygy görkezýär.

Hormatly Prezidentimiziň Birleşen Milletler Guramasynyň döredilmeginiň 80 ýyllygy mynasybetli Baş Assambleýanyň mejlisine gatnaşmagy Türkmenistan bilen BMG-niň arasyndaky strategik hyzmatdaşlygyň aýdyň mysalydyr.

**Parahatçylyk syýasaty**

● Türkmenistan halkara gatnaşyklarynda parahatçylykly dialogy we özara düşünişmegi ileri tutýar. BMG-niň gündelik işlerinde ýurdumyz:

***Dürli gapma-garşylyklaryň öňüni almakda dialog medeniýetini wagyz edýär;***

***Sebitleýin howpsuzlygy üpjün etmäge gönükdirilen teklipleri öňe sürýär;***

***Owganystanda durnuklylygy üpjün etmek boýunça halkara tagallalaryna goldaw berýär.***

**Ynanyşmak ýörelgesi**

● Ynanyşmak Türkmenistanyň halkara hyzmatdaşlyk strategiýasynyň möhüm bölegidir. Parahatçylygy we howpsuzlygy pugtalandyrmak boýunça başlangyçlary öňe sürmek Türkmenistanyň parahatçylyk döredijilikli syýasatynyň esasy ugurlarynyň biridir. Ýurdumyz gapma-garşylyklaryň öňüni almaga we döwletleriň arasynda dialogy goldamaga gönükdirilen başlangyçlary işjeň ilerledýär. Bu ugurdaky tagallalar Türkmenistanyň BMG-niň ýörelgelerine ygrarlydygyny, ählumumy meseleleri çözmekde bu guramanyň ygtybarly hyzmatdaşy hökmünde çykyş edýändigini görkezýär. BMG-niň Baş Assambleýasynyň Türkmenistanyň başlangyjy esasynda kabul eden Kararnamalary parahatçylyk meseleleri boýunça halkara gün tertibini emele getirmekde möhüm orny eýeleýär.

**Türkmenistan – BMG: hyzmatdaşlygyň ugurlary**

**1. Energetika howpsuzlygy:** Durnukly energetika üpjünçiligi boýunça BMG-niň meýilnamalarynda işjeň çykyş edýär.

**2. Ekologiýa we durnukly ösüş:** Aral deňzi meselesinde halkara derejesinde hyzmatdaşlygy güýçlendirýär.

**3. Medeni hyzmatdaşlyk:** Halklaryň arasynda ynanyşmagy ösdürmek üçin medeniýet we ylym ulgamynda bilelikdäki taslamalar amala aşyrylýar.

**4. Durnukly ösüş maksatlary (SDG):** Türkmenistan 2030-njy ýyla çenli kabul edilen BMG maksatlaryny ýerine ýetirmekde özara hyzmatdaşlyga gatnaşýar.

Türkmenistanyň BMG bilen gatnaşyklary parahatçylyk we ynanyşmak ýörelgelerine esaslanýar. Ýurdumyzyň öňe sürýän başlangyçlary diňe bir sebitleýin däl, eýsem, bütin dünýäde howpsuzlygyň, durnukly ösüşiň we dostlukly gatnaşyklaryň berkemegine hyzmat edýär.

**Gurbanmämmet MÄMMEDOW,**
*Ýagşygeldi Kakaýew adyndaky Halkara nebit we gaz uniwersitetiniň mugallymy.*


«Garagum Ulag» H. J.

TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOWA
HORMATLY PREZIDENTIMIZ!

Sizi Garaşsyzlygymyzyň 34 ýyllyk baýramy bilen tüýs ýüregimizden gutlaýarys!
**Hormatly Prezidentimiz!** Garaşsyzlygyň gazanylmagy ýurdumyzyň syýasy, ykdysady taýdan özbaşdak ýola düşmeginiň, durmuş-ykdysady, medeni-ruhy ulgamlarda görlüp-eşidilmedik ösüş-özgerişlere eýe bolmagynyň badalga alyş nokadyna öwrüldi. Size mundan beýläk-de Türkmenistanyň gülläp ösmeginiň hatyrasyna amala aşyrýan il-ýurt bähbitli işleriňizde hemişe rowaçlyk, berk jan saglyk we uzak ömür arzuw edýäris!
Türkmenistanyň Garaşsyzlyk güni gutly bolsun!

**Size çuňňur hormat goýmak bilen,**
**«GARAGUM ULAG» hojalyk jemgyýetiniň ýolbaşçylary we işgärleri.**



«TÜRKMENHIMIÝA» DÖWLET KONSERNINIŇ
«TÜRKMENTURBA» ZAWODY

TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOWA
HORMATLY PREZIDENTIMIZ!

Size şanly baýramçylyk bolan Türkmenistanyň Garaşsyzlygynyň 34 ýyllyk baýramy mynasybetli iň gowy arzuwlarymyzy ýollaýarys!
Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwri Garaşsyzlygyň şanyna şan, şöhratyna şöhrat goşdy. Bu şanly baýramçylyk mynasybetli Sizi we halkymyzy gutlamak bilen, şu baýramçylyga utgaşyp gelýän toýlaryň köp bolmagyny, Siziň janyňyzyň sag, ömrüňiziň uzak bolmagyny, halkymyzyň mertebesiniň has-da belende galmagyny we ýurdumyzyň gülläp ösmegini arzuw edýäris!
Türkmenistanyň Garaşsyzlyk güni gutly bolsun!

**Size çuňňur hormat goýmak bilen,**
**«TÜRKMENHIMIÝA» döwlet konserniniň «TÜRKMENTURBA» zawodynyň ýolbaşçylary we işgärleri.**



AGRi

TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOWA
HORMATLY PREZIDENTIMIZ!

«Watan diňe halky bilen Watandyr! Döwlet diňe halky bilen döwletdir!» diýip nygtaýan **hormatly Prezidentimiz** – Siziň halkymyz hakynda edýän taýsyz tagallalaryňyz üçin çäksiz hoşallygymyzy bildirýäris.
**Hormatly Prezidentimiz!** Sizi Garaşsyzlygymyzyň 34 ýyllyk baýramy bilen tüýs ýürekden gutlaýarys! Size berk jan saglyk, uzak ömür, alyp barýan döwlet ähmiýetli işleriňizde hemişe rowaçlyk arzuw edýäris!
Türkmenistanyň Garaşsyzlyk güni gutly bolsun!

**Size çuňňur hormat goýmak bilen,**
**«IPS AGRI» bilelikdäki kärhanasynyň ýolbaşçylary we işgärleri.**



Balgaýmak

TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOWA
HORMATLY PREZIDENTIMIZ!

Ähli işgärlerimiziň adyndan Sizi we ähli halkymyzy Türkmenistanyň Garaşsyzlygynyň 34 ýyllyk baýramçylygy bilen tüýs ýürekden hem-de mähirli gutlaýarys!
**Hormatly Prezidentimiz!** Size we halkymyza parahatçylyk, saglyk, hoşniýetlilik, abadançylyk hem-de ýurdumyzyň geljekde-de uly üstünlikler gazanmagyny arzuw edýäris! Goý, Garaşsyzlygymyzyň her güni halkymyza şatlyk hem-de täze üstünlikler eçilsin!
Türkmenistanyň Garaşsyzlyk güni gutly bolsun!

**Size çuňňur hormat goýmak bilen,**
**Kärhananyň ýolbaşçylary we işgärleri.**

# BEÝIK GARAŞSYZLYGYMYZYŇ 34 ÝYLLYGYNA

## «BALKAN» GÄMI GURLUŞYK WE ABATLAÝYŞ ZAWODY» AGPJ

**TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOWA**
**HORMATLY PREZIDENTIMIZ!**

Siz Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylynda ýurdumyzyň Garaşsyzlygynyň 34 ýyllyk baýramy bilen tüýs ýürekden hem-de mähirli gutlaýarys!

**Arkadagly Gahryman Serdarymyz!** Siziň baştutanlygyňyzda dünýä halklary bilen özara bähbitli hyzmatdaşlygy ileri tutýan hem-de halkara hukuk kadalaryny we borçnamalaryny gyşarnyksyz berjaý edýän ýurt hökmünde ýurdumyzyň abraýy belende galýar. Gahryman Arkadagymyzyň başlan ýoluny dowam etdirip, Siziň öňe sürýän asylly başlangyçlaryňyzyň dünýäde giňden ykrar edilýändigi halkymyzy buýsandyrýar.

Garaşsyzlyk ýyllarynda ýurdumyzda ähli ugurlar boýunça uly üstünlikler gazanylyp, belent sepgitlere ýetildi. Hemişelik Bitarap Türkmenistan dünýäde çalt depginler bilen ösýän döwletleriň hataryna goşuldy. Garaşsyzlyga eýe bolan ilkinji günlerinden bäri depginli ösüşlere we jemgyýetiň abadançylygyna gönükdirilen taslamalary amala aşyrýan ýurdumyz tutuş sebitiň gülläp ösüşine hem-de durnuklylygyna goşant goşýan uly mümkinçilikleriň merkezine öwrüldi.

**Hormatly Prezidentimiz!** Sizi ýene-de bir gezek Garaşsyzlygymyzyň 34 ýyllyk baýramy bilen gutlap, Size berk jan saglyk, egsilmez güýç-gaýrat, işiňizde uly üstünlikleri arzuw edýäris!

Türkmenistanyň Garaşsyzlyk güni gutly bolsun!

**Size çuňňur hormat goýmak bilen,**

**«BALKAN» GÄMI GURLUŞYK WE ABATLAÝYŞ ZAWODY» AGPJ-niň ýolbaşçylary we işgärleri.**

---

**ONUŇ ALYHEZRETI, TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI**
**JENAP SERDAR BERDIMUHAMEDOWA**

**Çuňňur hormatlanylýan jenap Prezident!**

Ajaýyp milli baýramçylyk – Türkmenistanyň Garaşsyzlyk güni mynasybetli tüýs ýürekden çykýan gutlaglarymyzy kabul ediň!

Garaşsyzlyk güni – ýurduň beýikligini, türkmen halkynyň agzybirligini we jebisligini, üýtgewsiz ruhuny, tükeniksiz döredijilik kuwwatyny we ýagty geljege bolan ynamy alamatlandyrýan gün. Bu baýramçylyk milli buýsanjy, wepalylygy we ösüşiň täze belentliklerine bolan islegleri öz içine alýar.

Garaşsyzlygynyň 34 ýylynyň içinde Türkmenistan döwleti halkara arenasyndaky abraýyny ýokarlandyran taryhy özgerişleri başdan geçirip, ägirt uly döredijilik işlerini amala aşyrdy. Munuň özi uly şähergurluşyk taslamalary we köp ýurtlary haýran galdyrýan hem-de sebit hyzmatdaşlygynyň çuňlaşmagyna goşant goşýan häzirki zaman ulag koridorlaryny döretmek arkaly senagat ösüşinde gazanylan uly üstünlikleriň aýdyň subutnamasydyr.

Türkmenistan diňe bir ykdysadyýetde däl, eýsem, sportda, medeniýetde, bilimde, ylymda we baý taryhy, medeni mirasy hem-de milli däp-dessurlaryny gorap saklamakda hem uly netijeleri gazandy.

Türkmen halky tarapyndan söýülýän parahatçylyk we ylalaşyk, durnuklylyk we özara düşünişmek, şeýle hem yzygiderli ykdysady ösüş häzirki üstünlikleriň we ýurduň geljekde-de gülläp ösmeginiň kepili boldy.

Sizi we ähli türkmen halkyny ýene bir gezek bu ähmiýetli gün bilen tüýs ýürekden gutlaýarys!

Size berk jan saglyk, bagt, abadançylyk, öňde goýlan ähli maksatlary amala aşyrmakda ylham we egsilmez güýç-kuwwat arzuw edýäris. Goý, täze üstünlikler we beýik maksatlar Türkmenistanyň Garaşsyzlygyny pugtalandyrsyn we ýurduň abraýyny dünýä arenasynda ýokarlandyrsyn!

***Çuňňur hormatlanylýan jenap Prezident, Size çuňňur hormat goýýandygymyz baradaky ynandyrmalarymyzy kabul ediň***

***«BOUYGUES TURKMEN» şereketiniň ýolbaşçylary we işgärleri***

**ЕГО ПРЕВОСХОДИТЕЛЬСТВУ, ПРЕЗИДЕНТУ ТУРКМЕНИСТАНА**
**ГОСПОДИНУ СЕРДАРУ БЕРДЫМУХАМЕДОВУ**

**Глубокоуважаемый Господин Президент!**

Примите наши самые тёплые, сердечные и искренние поздравления с великим национальным праздником – Днём Независимости Туркменистана!

День Независимости – это полная высокого смысла дата, символизирующая величие страны, несгибаемый дух, единство и сплочённость туркменского народа, его неиссякаемую созидательную энергию и уверенность в светлом будущем. Этот праздник олицетворяет национальную гордость, верность высоким идеалам и устремлённость к новым вершинам прогресса.

За 34 года независимости в Туркменистане проведена грандиозная созидательная работа, воплощены в жизнь исторические преобразования, укрепившие государство и поднявшие его авторитет на международной арене. Ярким свидетельством этого стали выдающиеся достижения в развитии промышленности, масштабные проекты в области градостроительства, создание современных транспортных коридоров, которые вызывают восхищение у многих стран и способствуют углублению регионального сотрудничества.

Туркменистан добился впечатляющих результатов не только в сфере экономики, но и в спорте, культуре, образовании, науке, а также в деле сохранения богатого историко-культурного наследия и национальных традиций.

Мир и согласие, стабильность и взаимопонимание, хранимые туркменским народом, последовательное экономическое развитие стали прочным фундаментом нынешних успехов и залогом будущего процветания страны.

Ещё раз от всей души поздравляем Вас и весь туркменский народ с этим знаменательным днём!

Желаем крепкого здоровья, счастья, благополучия, вдохновения и неиссякаемой энергии для воплощения всех замыслов. Пусть новые достижения и великие свершения служат во благо Туркменистана, укрепляют его независимость и возвышают славу страны на мировой арене!

***Соблаговолите принять, Глубокоуважаемый Господин Президент, заверения в нашем самом высоком уважении и почтении***

***Руководство и сотрудники компании «BOUYGUES TURKMEN»***

---

## AJAÝYP BINA
HOJALYK JEMGYÝETI

**TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOWA**
**HORMATLY PREZIDENTIMIZ!**

Sizi ýurdumyzyň baş baýramy – Türkmenistanyň Garaşsyzlygynyň 34 ýyllyk baýramy bilen tüýs ýürekden hem-de mähirli gutlaýarys!

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe Türkmenistan belent maksatlara tarap bedew bady bilen ynamly öňe barýar. Türkmenistanyň ykdysady, medeni we durmuş ösüşi giň gerimli maksatnamalary, durmuş-ykdysady, medeni aň-bilim, jemgyýetçilik-syýasy özgertmeleri üstünlikli amala aşyrmaga ýardam berýär. Nebitgaz, oba hojalyk, gurluşyk, energetika, ykdysadyýet, dokma, medeniýet, ylym-bilim, saglygy goraýyş, sport we syýahatçylyk ugamlarynda Türkmenistanyň ykdysady taýdan ýokary depginler bilen ösýän hem-de ynamly öňe barýan döwletdigini ykrar edýän giň gerimli işler amala aşyrylýar.

Dünýäde parahatçylygyň we ylalaşygyň pugtalandyrylmagy üçin tagallalary birleşdirýän, ählumumy ösüşiň, abadançylygyň hem-de rowaçlygyň bähbitlerine oňyn Bitaraplyk, parahatsöýüjilik, hoşniýetli goňşuçylyk syýasatyny alyp barýan Garaşsyz döwlet hökmünde Türkmenistanyň halkara abraýy yzygiderli ýokarlanýar.

**Arkadagly Gahryman Serdarymyz!** Sizi ýurdumyzyň baş baýramy – Türkmenistanyň Garaşsyzlygynyň 34 ýyllyk baýramy bilen ýene-de bir gezek tüýs ýürekden hem-de mähirli gutlaýarys!

Size berk jan saglyk, uzak ömür, Türkmenistanyň mundan beýläk-de gülläp ösmegi ugrunda alyp barýan işleriňizde uly üstünlikleri arzuw edýäris!

Türkmenistanyň Garaşsyzlyk güni gutly bolsun!

**Size çuňňur hormat goýmak bilen,**

**«AJAÝYP BINA» hojalyk jemgyýetiniň ýolbaşçylary we işgärleri.**

---

**ПРЕЗИДЕНТУ ТУРКМЕНИСТАНА**
**СЕРДАРУ БЕРДЫМУХАМЕДОВУ**
**ГЛУБОКОУВАЖАЕМЫЙ**
**ПРЕЗИДЕНТ ТУРКМЕНИСТАНА!**

Разрешите от имени компании «EDC Romfor Limited» поздравить Вас и весь туркменский народ с 34-й годовщиной Независимости Туркменистана! Искренне желаем Вам, чтобы всегда были успешными все Ваши великие конструктивные инициативы, направленные на дальнейшее процветание Независимого, Нейтрального Туркменистана, уверенно следующего к новым высотам прогресса, укрепление мира и дружбы на планете!

Ещё раз от всего сердца поздравляем Вас с великим праздником – днём Независимости! Желаем Вам, крепкого здоровья и успехов в деятельности во имя процветания страны, а дружественному народу Туркменистана – мира и дальнейшего прогресса.

**С глубоким уважением,**

**Руководство и сотрудники компании «EDC ROMFOR LIMITED».**

---

ÇEPER GURLUŞYK

## «ÇEPER GURLUŞYK» H. K.

**TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOWA**
**HORMATLY PREZIDENTIMIZ!**

Sizi we ähli halkymyzy Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylynda ýurdumyzda uly ruhubelentlik, çäksiz şatlyk we buýsanç bilen bellenilip geçilýän baş baýramymyz – mukaddes Garaşsyzlygymyzyň 34 ýyllyk baýramy bilen ähli işgärlerimiziň adyndan tüýs ýürekden gutlaýarys!

**Hormatly Prezidentimiz!** Siziň janyňyzyň sag, ömrüňiziň uzak, belent başyňyzyň aman, mertebäňiziň mundan-da belent, türkmen halkynyň röwşen geljegi üçin alyp barýan tutumly işleriňiziň hemişe rowaç bolmagyny arzuw edýäris!

Türkmenistanyň Garaşsyzlyk güni gutly bolsun!

**Size çuňňur hormat goýmak bilen,**

**«ÇEPER GURLUŞYK» husussy kärhanasynyň ýolbaşçylary we işgärleri.**

# BEÝIK GARAŞSYZLYGYMYZYŇ 34 ÝYLLYGYNA

HYUNDAI ENGINEERING CO., LTD.

**TÜRKMENISTANYŇ ÇUŇŇUR HORMATLANYLÝAN PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOWA**

**Çuňňur hormatlanylýan jenap Prezident!**

Sizi we Türkmenistanyň ähli halkyny baş döwlet baýramçylygy – Türkmenistanyň Garaşsyzlygynyň 34 ýyllygy bilen tüýs ýürekden gutlaýarys!

Bu baýramçylyk güýçli, Garaşsyz, hemişelik Bitarap we ösüşlere beslenýän ýurduň, erkinligiň we beýikligiň nyşanyna öwrüldi.

Bu geçen döwürde Türkmenistan döwlet we durmuş-ykdysady ulgamynda ýnamly öňe barýandygyny äşgär etmekligi başardy. Kanunçylyk we demokratiýa ulgamy kämilleşdirilýär. Täze ýollar, zawoddyr fabrikler gurulýar, ýurduň sanly infrastrukturasy kämilleşdirilýär, ýerli önümçiligiň eksport kuwwaty yzygiderli artdyrylýar.

Türkmenistanyň Garaşsyzlyk ýyllary işjeň önümçilik we kämilleşdiriş işlerine beslendi. Türkmenistan tarapyndan saýlanylyp alnan ykdysady ösüş ýoly bolsa raýatlaryň durmuş-ykdysady şertleriniň gowulandyrylmagyna gönükdirildi.

Ynanylan uly göwrümli taslamalary tehnologiýanyň soňky gazananlaryny, ýokary hilli harytlary ulanmak arkaly amala aşyrmakda, şeýle hem adam zähmetiniň goraglylygyny we howpsuzlygyny üpjün etmekde bildirilýän talaplara ygrarlydygymyzy görkezmek arkaly Türkmenistan bilen köpýyllyk hyzmatdaşlygymyzy dowam etdirmek biz üçin uly abraýdyr.

Sizi ýene bir gezek ähli halk baýramçylygy bilen tüýs ýürekden mübärekleýäris! Size berk jan saglyk, Türkmenistanyň gülläp ösmegi ugrunda alyp barýan giň gerimli işleriňizde üstünlikler arzuw edýäris!

**Size çuňňur hormat goýmak bilen,**

**«HYUNDAI ENGINEERING CO., LTD.» kompaniýasynyň ýolbaşçylary we işgärleri.**

**ЕГО ПРЕВОСХОДИТЕЛЬСТВУ, ПРЕЗИДЕНТУ ТУРКМЕНИСТАНА СЕРДАРУ БЕРДЫМУХАМЕДОВУ**

**Глубокоуважаемый господин Президент!**

Сердечно поздравляем Вас и весь народ Туркменистана с главным государственным праздником страны – 34-й годовщиной Независимости Туркменистана!

Этот праздник стал символом свободы и величия, символом сильной, Независимой, Нейтральной и развивающейся страны!

За годы своей истории Туркменистан неизменно демонстрирует уверенное поступательное движение в сфере государственного и социально-экономического развития. Совершенствуется законодательство, развиваются демократические институты. Строятся новые дороги, заводы и фабрики, совершенствуется цифровая инфраструктура, наращивается экспортный потенциал отечественной индустрии.

Годы независимости Туркменистана наполнены свершениями и созидательным трудом, а путь активного экономического прогресса, избранный Туркменистаном, нацелен на всестороннее улучшение социально-экономических условий жизни людей.

Для нас высокая честь продолжать многолетнее сотрудничество, участвуя в реализации доверенных нам масштабных проектов, с применением самых современных технологий, высококачественных материалов и с соблюдением самых строгих требований по охране и безопасности труда.

Ещё раз искренне поздравляем Вас со всенародным праздником. Желаем Вам крепкого здоровья, претворения в жизнь всех планов и больших успехов в проводимой Вами масштабной работе во имя дальнейшего процветания Туркменистана!

**С глубоким уважением,**

**Руководство и сотрудники компании «HYUNDAI ENGINEERING CO., LTD.».**

CNPC

**ПРЕЗИДЕНТУ ТУРКМЕНИСТАНА СЕРДАРУ БЕРДЫМУХАМЕДОВУ ГЛУБОКОУВАЖАЕМЫЙ ПРЕЗИДЕНТ ТУРКМЕНИСТАНА!**

Сердечно поздравляем Вас с национальным праздником Туркменистана – днём Независимости!

Под Вашим мудрым руководством туркменистанцы встречают 34-ю годовщину священной независимости с большим вдохновением и трудовыми победами.

Отрадно, что в году, Международным годом мира и доверия, высокими темпами во всех уголках Туркменистана продолжается строительство современных благоустроенных жилых домов, промышленных и культурно-бытовых объектов. Эти славные события свидетельствуют об эффективной реализации Программы «Возрождение новой эпохи могущественного государства: Национальная программа социально-экономического развития Туркменистана в 2022–2052 годах».

Ваши слова «В эру Возрождения новой эпохи могущественного государства наш путь – это путь счастья и суверенитета. Мы будем уверенно двигаться вперёд по этому пути» и великие дела, которые осуществляются в новый исторический период, прочно соединяя наше прошлое, настоящее и будущее, радуют каждого туркменистанца. Градостроительные проекты, комплексы зданий, современные города и сёла, возводимые повсеместно, свидетельствуют о великой мощи страны. Они стали воплощением творческого духа туркменского народа и стремительного научно-технического развития, а также реализации Вашего главного принципа «Родина является Родиной только с народом! Государство является государством только с народом!».

Пользуясь этой прекрасной возможностью, желаем Вам крепкого здоровья, долголетия и дальнейших успехов в Вашей государственной деятельности, имеющей общечеловеческое значение.

**С глубоким уважением,**

**Ду ЮЙМИН,**
**Генеральный директор филиала Китайской Национальной Нефтегазовой Корпорации «Интернационал Лтд.» (CNPC) в Туркменистане.**

HUAWEI

**TÜRKMENISTANYŇ ÇUŇŇUR HORMATLANYLÝAN PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOWA**

**Çuňňur hormatlanylýan jenap Prezident!**

Sizi we Türkmenistanyň ähli halkyny baş döwlet baýramçylygy – Türkmenistanyň Garaşsyzlygynyň 34 ýyllygy bilen tüýs ýürekden gutlaýarys!

Türkmenistanyň Garaşsyzlygy türkmenistanlylar üçin halkyň erkinliginiň we döwlet özygtyýarlylygynyň nyşany bolup, watansöýüjiligiň belent nusgasydyr.

Türkmenistanda 34 ýylyň dowamynda ägirt uly işler durmuşa geçirildi. Oňyn Bitaraplyk, parahatsöýüjilik hem-de hoşniýetli goňşuçylyk syýasatyny alyp barýan ýurt hökmünde Türkmenistanyň abraýy has-da belende galýar. Siziň parasatly baştutanlygyňyzda ykdysadyýetiň durnukly we utgaşykly ösdürilmegine, onuň dünýäniň ykdysady giňişligine netijeli goşulyşmagyna, şeýle hem giň gerimli milli taslamalaryň durmuşa geçirilmegine ägirt uly ähmiýet berilýär.

Biziň kompaniýamyzyň agzybir işgärleri Türkmenistanyň ösüşine hem-de aragatnaşyk pudagynda alnyp barylýan işlere goşant goşmak mümkinçiligine eýe bolandygyna buýsanýarlar.

Biz Size berk jan saglygyny, uzak ömür, Siziň Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistany täze belentliklere çykarmak, ýurduň zähmetsöýer halkynyň bagtly we abadan durmuşyny üpjün etmek ugrunda alyp barýan işiňizde uly üstünlikleri arzuw edýäris!

**Iň gowy arzuwlar bilen,**

**«HUAWEI TECH. INVESTMENT CO., LTD» kompaniýasynyň Türkmenistandaky wekilligi.**

**ЕГО ПРЕВОСХОДИТЕЛЬСТВУ, ПРЕЗИДЕНТУ ТУРКМЕНИСТАНА СЕРДАРУ БЕРДЫМУХАМЕДОВУ**

**Глубокоуважаемый господин Президент!**

Сердечно поздравляем Вас и весь народ Туркменистана с главным государственным праздником страны – 34-й годовщиной Независимости Туркменистана!

Независимость Туркменистана олицетворяет свободолюбие нации и страны, суверенность государства и истинный патриотизм туркменистанцев.

На протяжении 34 лет в Туркменистане проводится огромная созидательная работа. Растёт авторитет Туркменистана как государства, проводящего политику конструктивного нейтралитета, миролюбия, добрососедства. Под Вашим руководством уделяется огромное значение стабильному и скоординированному развитию экономики, её успешной интеграции в мировое экономическое пространство, а так же реализации широкомасштабных национальных проектов.

Наша компания и все её сотрудники гордятся возможностью вносить свой посильный вклад в развитие Туркменистана, и в работу проводимую в области связи.

Мы от всего сердца желаем Вам доброго здоровья и долголетия, больших успехов в Вашей созидательной деятельности, призванной обеспечить восхождение постоянно Нейтрального и Независимого Туркменистана к новым высоким рубежам, мирную, счастливую и благополучную жизнь трудолюбивого народа страны!

**С наилучшими пожеланиями,**

**Представительство компании «HUAWEI TECH. INVESTMENT CO., LTD» в Туркменистане.**

PETRONAS

**ONUŇ ALYHEZRETI, TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOWA**

Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylynda Türkmenistanyň Garaşsyzlygynyň 34 ýyllyk baýramy mynasybetli Size tüýs ýürekden gutlaglarymyzy ýetirýäris.

Siziň baştutanlygyňyzda agzybir türkmen halky anyk maksatlar bilen üstünlikli ösüş ýoluny dowam etdirýär.

Pursatdan peýdalanyp, Sizi taryhy senäniň öňüsyrasynda, Türkmenistanyň Garaşsyzlyk güni bilen ýene-de bir gezek tüýs ýürekden gutlaýarys. Siziň Alyhezretiňize we türkmen halkyna berk jan saglygyny, hemişe rowaçlyk we üstünlikler arzuw edýäris.

**Sizi çuňňur hormatlamak bilen,**

**«Petronas» kompaniýasy**

**TO HIS EXCELLENCY, PRESIDENT OF TURKMENISTAN SERDAR BERDIMUHAMEDOV**

On the occasion of the 34th anniversary of Turkmenistan's Independence, celebrated in this International Year of Peace and Trust, we extend our heartfelt congratulations.

Under Your Excellency's leadership, the united people of Turkmenistan continue to progress with clear purpose.

We take this opportunity to extend our sincere congratulations once again on this historic milestone. We wish Your Excellency and the people of Turkmenistan good health, lasting prosperity and success.

**With deep respect,**

**Petronas Company**

**«TÜRKMEN GURLUŞYK TEHNIKA SERWIS» H.J.**
**«MERCEDES-BENZ» TÜRKMENISTANDAKY RESMI DILERI**

**TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOWA HORMATLY PREZIDENTIMIZ!**

«Mercedes-Benz» kompaniýasynyň Türkmenistandaky resmi dileri bolan «Türkmen Gurluşyk Tehnika Serwis» hojalyk jemgyýetiniň ýolbaşçylary we agzybir işgärleri mukaddes Garaşsyzlygymyzyň 34 ýyllyk baýramy bilen Sizi we mähriban halkymyzy tüýs ýürekden mähirli gutlaýarlar. Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylynda biziň işgärlerimiz hem ýurdumyzyň ykdysady kuwwatynyň artmagyna özleriniň mynasyp goşandyny goşýarlar.

**Sarpasy belent Prezidentimiz!** Siziň «Watan diňe halky bilen Watandyr! Döwlet diňe halky bilen döwletdir!» diýen parasatly ýörelgäňizden ugur alyp, agzybirlik bilen Garaşsyzlyk ýyllarynda uly zähmet üstünliklerini gazanýan, seneleri şanly wakalara beslenýän merdana halkymyz bagtyýar geljege tarap ynamly gadam urýar.

**Hormatly Prezidentimiz!** Siziň janyňyzyň sag, başyňyzyň dik, berkarar döwletimiziň ykdysady kuwwatynyň ýokarlanmagy, halkymyzyň eşretli we bagtyýar durmuşda ýaşamagy üçin amala aşyrýan umumadamzat bähbitli işleriňiziň rowaç bolmagyny, ata Watanymyz Türkmenistanyň agzybir halkyna bolsa ýurt abatlygyny, şeýle hem eziz Watanymyzyň ajaýyp durmuşynyň hözirini görüp we buýsanyp ýaşamagyny arzuw edýäris!

Goý, ýurdumyz abat, ilimiz abadan bolsun!

Türkmenistanyň Garaşsyzlyk güni gutly bolsun!

**Size çuňňur hormat goýmak bilen,**

**«TÜRKMEN GURLUŞYK TEHNIKA SERWIS» H.J.**
**«MERCEDES-BENZ» TÜRKMENISTANDAKY**
**RESMI DILERI**

**«MERTLIK RUHY» H.J.**
**«HYUNDAI» TÜRKMENISTANDAKY RESMI DISTRIBÝUTORY**

**TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOWA HORMATLY PREZIDENTIMIZ!**

Sizi ýurdumyzyň baş baýramy – Türkmenistanyň Garaşsyzlygynyň 34 ýyllyk baýramy bilen tüýs ýürekden hem-de mähirli gutlaýarys!

**Sarpasy belent Prezidentimiz!** Siziň baştutanlygyňyzda ýurdumyzyň içeri we daşary syýasatynda amala aşyrylýan işler Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistan döwletimizi dünýäde ähli ugurlar boýunça sazlaşykly ösýän kuwwatly döwletleriň birine öwürýär. Halkymyzyň bagtyny äleme buşlaýan Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwrüniň her bir güni uly ösüşlere we rowaçlyklara beslenýär. Mähriban Watanymyzyň gülläp ösmegine we halkymyzyň bagtyýar ýaşaýşyny üpjün etmäge gönükdirilen çuňňur pähim-paýhasa, belent ynsanperwerlige ýugrulan, uzak geljegi nazarlaýan umumadamzat bähbitli syýasatyňyz Garaşsyzlygyň 34 ýyllyk baýramynyň bellenilýän ýylyny gojaman taryhyň altyn sahypalaryna ýazýar.

**Arkadagly Gahryman Serdarymyz!** Siziň röwşen ýoluňyz bagta barýan nurly ýoldur, onuň gözbaşy watançylykdyr, maksady halka ak ýürekden hyzmat etmekdir, zandy halallyk, şygary ynsanperwerlikdir, binýady berkararlyk, Tugy agzybirlikdir. Halkymyz bu ösüşli ýolda Siziň daşyňyza mäkäm jebisleşip, döredijilikli zähmet çekýär.

**Hormatly Prezidentimiz!** Size berk jan saglyk, uzak ömür, egsilmez gujur-gaýrat hem-de rowaçlyk arzuw edýäris!

Türkmenistanyň Garaşsyzlyk güni gutly bolsun!

**Size çuňňur hormat goýmak bilen,**

MERTLIK RUHY HYUNDAI

**«MERTLIK RUHY» H.J.**
**«HYUNDAI» Türkmenistandaky**
**Resmi distribýutory**